# HÜWDÜLER

– A –

**Abdym, Abdym, ak ogul,**
**Abdym guýruk ýag ogul,**
**Abdym ketde[1] bolansoň,**
**Eker erik bag ogul.**

* * *

**Awçy bukup ýatanda,**
**Ýaşylbaşlar atanda,**
**Uran guşy ýaşylbaş**
**Mergen baryp tutanda.**

* * *

**Agaçlar bar[2] getirsin,**
**Guşlar habar getirsin,**
**Çölde çopan kakaňy**
**Şu gün bize ýetirsin.**

* * *

**Aý gyzym, alma gyzym,**
**Hiç wagt ölme gyzym,**
**Sensiň eneň bägüli**
**Hiç wagt solma gyzym.**

* * *

**Aý ýüzüňde al halyň,**
**Bardyr agzyňda balyň,**
**Baldan süýji bal balam**
**Saňa gurban bolaýyn.**

* * *

**Aý içiniň arslany,**
**Gün içiniň göwheri, Ýerde ýatmaz göwherdir,**
**Küle batmaz jöwherdir.**

* * *

**Aýgözelim ap-akja,**
**Dodaklary gaýmakça,**
**Ysgap görseňiz zamça,**
**Suwsasaňyz tarpyzça[3].**

* * *

**Aýdym aýdar depede,**
**Sözlär, ökde gepe-de,**
**Ejesiniň han ogly**
**Maşyn bejär gapyda.**

---

[1] **Ketde – uly.**
[2] **Bar – miwe.**
[3] **Tarpyz – garpyz.**

* * *

**Aýjemalym otursyn,**
**Eline ýüwse[4] ötürsin,**
**Deň-duşlary gelende**
**Gaýma gaýap otursyn.**

* * *

**Aýlan, aýlan, aýlançak,**
**Akar suwlar bulançak,**
**Altmyş başly ak öýüň**
**Ýaraşygy sallançak.**

* * *

**Aýlanaýyn adyňa,Ýetgin göwün şadyňa,**
**Zähmet çekgin ýadaman,**
**Dag ýykylsyn badyňa.**

* * *

**Aýlanaýyn ak bala,**
**Sallançakda ýat bala,**
**Öz balamyň toýunda,**
**Atasy baýrak ýyrtsa,**
**Guwanjyndan ýeňňesi,**
**Buşlap her ýana ýortsa.**

* * *

**Aýlanaýyn boýuňa,**
**Oýunçy gelsin toýuňa,**
**Gelmese-de, gelmesin,**
**Mamasy gurban aýyna.**

* * *

**Aýlanaýyn iligim,**
**Ýakama düwmeligim,**
**Göçende göç soranym,**
**Gonanda kölgeligim.**

* * *

**Aýlanaýyn hanymdan,**
**Dolanaýyn donundan,**
**Ady ýagşy geregim,**
**Içimdäki ýüregim.**

* * *

**Aýlanaýyn ýaşyndan,**
**Ejesi geler işinden,**
**Kemal tapsyn, bal köşek**
**Akylyndan, huşundan.**

---

**[4] Ýüwse – tikin tikilende barmaga geýdirilýän matadan ýa-da gaýyşdan tikilen barmaksa.**

* * *

**Aýlananym, bakanym,**
**Bal suwuna ýakanym,**
**Adyna Alma dakanym,**
**Gözüne sürme[5] çekenim.**

* * *

**Aýlananda aýmançam,**
**Sallananda tumarçam,**
**Erke[6] dünýäm Kerim jan,**
**Seni allalar edeýin.**

* * *

**Aýlanar-a, aýlanar,**
**Ökdelikde saýlanar,**
**Meniň balam ulalyp,**
**Söýenine öýlener.**

* * *

**Aýlanar-a, aýlanar,**
**Toýluk unuň elener,**
**Meniň gara göz balam**
**Gowulykda bellener.**

* * *

**Aýlanar-a, aýlanar,**
**Ak öýleri saýlanar,**
**Meň jigimiň toýunda,**
**Bedew atlar şaýlanar.**

* * *

**Aýlar geçer aýlanyp,**
**Günler geçer saýlanyp,**
**Aýlanaýyn aý guzym**
**Gyzlar gezer şaýlanyp.**

* * *

**Aýlar, günler aýlanar,**
**Toýda gyzlar şaýlanar,**
**Toýdaky şaýly gyzlar**
**Oglum senden aýlanar.[7]**

* * *

**Aýlar gyzym şat bolsun,**
**Duşmanlary mat bolsun,**

---

[5] **Sürme – saçy, kirpigi, gaşy garaltmak üçin ulanylýan boýag.**
[6] **Erke – lälik.**
[7] **Bu bendiň: Aýlar-günler aýlanar,**
**Toýda gyzlar şaýlanar,**
**Toýdaky şaýly gyzlar,**
**Meň balama guwanar.**
**Aýlanar aýlagynda,**
**Dolanar dolagynda — diýen nusgasy-da bar.**

**Söýünjisine[8] berjegim,**
**Taýçanakly at bolsun.**

* * *

**Aýlar gyzym almaly,**
**Aýda dokar bir haly,**
**Halysynyň kenary,**
**On barmagnyň hünäri.**

* * *

**Aýym-günüm, ak totaý[9],**
**Sen aglama, gulak goý,**
**Awa gitseň urarsyň**
**Hem garasar, hem torgaý.**

* * *

**Ak bäbegim sabada,**
**Atyny bermez ýada,**
**Özi gider söweşe,**
**Gelni galar garaşa.**

* * *

**Ak guş bolup uç balam,**
**Garaguma düş balam,**
**Garagum derýasyndan**
**Gana-gana iç balam.**

* * *

**Ak düýäniň halygy[10],**
**Akar suwlar balygy,**
**Sorap-idäp gelseler,**
**Öz öýmüziň läligi.[11]**

* * *

**Ak ýüpekden köýnegiň,**
**Gülden akdyr bilegiň,**
**Döwran jana degeniň**
**Ýansyn-köýsün ýüregi.**

* * *

**Ak öýümiň eýesi,**
**Öýümiň kümüş söýesi,**
**Söwer ýary gelinçä,**
**Söýer otyr enesi.**

---

[8] Söýünji – buşluk.
[9] Totaý – guş ady.
[10] Halyk – howudyň (düýä münmek üçin arkasyna salynýan enjam) aşagyndan düýäniň arkasyna atylýan ortasy deşik keçe.
[11] Bu bendiň: Ak düýäniň halygy,
Akar suwuň balygy,
Atañ-eneň gyzyl gül
Sen olaryň läligi – diýen nusgasy-da bar.

* * *

**Akar-akar akasy,**
**Akar suwlar sakasy,**
**Gelip aşyk oýnasa,**
**Men ýaplaryň ýakasy.**

* * *

**Akar suwlar şarlaşyp,**
**Akyp gelýär dereden.**
**Meniň balam enaýy**
**Kimkä şony ýaradan?!**

* * *

**Akar suwuň tolkuny,**
**Balam söýer halkyny,**
**Bedew atyň uýany,**
**Goç ýigidiň ýegeni.**

* * *

**Akar ýaplar akyşar,**
**Münse atlar böküşer,**
**Balam dostlary bilen**
**Ulalyp dogan okaşar.**

* * *

**Akja ballym ýagşydyr,**
**Ýürejigmiň nagşydyr,**
**Meň balamyň kakasy,**
**Ile ýaran bagşydyr.**

* * *

**Akja bilekli ballym,**
**Gurama ýelekli ballym,**
**Ulalyp alym bolsa,**
**Ile gerekli ballym.**

* * *

**Akja bileklijedir,**
**Syny ýeleklijedir,**
**Eziz Alla saklasyn**
**Bize gereklijedir.**

* * *

**Al ata mündüreýin,**
**Bazara göndereýin,**
**Bazaryň nohudyndan**
**Etegiň dolduraýyn.**

* * *

**Ala bulut aý bolmaz,**
**Görüp göwnüm jaý bolmaz,**

**Horezminiň bäbegi**
**Öz bäbegme taý bolmaz.**

* * *

**Ala dagyň arçasy,**
**Mawut donuň parçasy,**
**Sensiň biziň öýmüziň,**
**Täze açylan gunçasy.**

* * *

**Ala ýelekli[12] ballym,**
**Arslan ýürekli ballym,**
**Hydyr-Ylýas saklasa,**
**Ile gerekli ballym.**

* * *

**Ala kürte ýeňi dar,**
**Jigimi il huwwalar,**
**Jigim köçeden geçse,**
**Gyzlaň bary hyrydar.**

* * *

**Alaçanyň agy bar,**
**Sowsanynyň gögi bar,**
**Gyrmyz dony geýmeseň,**
**Näme geýjek Allaýar?!**

* * *

**Aldym elime erki,**
**Sallançagyň sen görki,Ejeň jany sag bolsa,Etme hiç zatdan gorky.**

* * *

**Alla aýdaryn saňa,**
**Gulagyňy goý maňa,**
**Gulagyň goýsaň maňa,**
**Ömür dilärin saňa.**

* * *

**Alla, alla aý bolsun,**
**Aýym saňa taý bolsun,**
**Toýuňy iller iýsin,**
**Köşkler saňa jaý bolsun.[13]**

* * *

**Alla-alla adyňdan,**
**Sallançagyň badyndan,**

---

[12] Ýelek – gurama kürte manysynda.
[13] Bu bendiň: Alla, alla, aý bolsun,
Sawçy bolup baý gelsin,
Toýuňa begler gelsin,
Köşkler saňa jaý bolsun — diýen nusgasy-da bar.

**Mollatorgaý başlyjam,**
**Çille ýüpek saçlyjam.**

* * *

**Alla-alla Annaly,**
**Gülli bagyň bir güli,**
**Öý içiniň bilbili,**
**Ejesiniň öz güli.**

* * *

**Alla-alla alladan,**
**Gulpaklary tylladan,**
**Seni beren alladan,**
**Uzak ýaşlar diläýin.**

* * *

**Alla-alla alaýyn,**
**Ejeňi suwa ýollaýyn,**
**Ejeň suwdan gelýänçä,**
**Kişmiş berip aldaýyn.**

* * *

**Alla-alla, Allaýar,**
**Tutdy jülgeleri gar,**
**Sen söwdagär parçasy**
**Biz bolaly hyrydar.**

* * *

**Alla-alla at etsem,**
**Enem-atam ýat etsem,**
**Gunduzdan[14] telpek etsem,**
**Gyrmyzydan don etsem.**

* * *

**Alla-alla sen gülüm,**
**Baglardaky bilbilim,**
**Şat saýraýar dilleri,**
**Näzik inçe billeri.**

* * *

**Alla Allanyň ady,**
**Alla bersin kuwwaty,**
**Pygamberiň öwlady,**
**Perwerdigär saklasyn.[15]**

---

[14] **Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan, balyk, leňňeç, gurçuk, gurbaga we ş.m bilen iýmitlenýän, gymmat bahaly derili kiçijik haýwan.**

[15] **Bu bendiň: Alla Allanyň ady,**
**Alla bersin myrady,**
**Pygamberler öwlady,**
**Bahaweddin diwana – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Alla allanyň bolsun,**
**Alla ýaranyň bolsun,**
**On iki ymam, dört çaryýar**
**Şolar ýaranyň bolsun.**

* * *

**Alla-allasy geler,**
**Ýatsa ukusy geler,**
**Kerim atly bäbegme,**
**Toýdan öz paýy geler.**

* * *

**Alla-allasy gyzlar,**
**Bolar şirin owazlar,**
**Men balama toý etsem,**
**Çalynar dürli sazlar.**

* * *

**Alla balam, alla huw,**
**Seni alym edeýin.**
**Ylymly ýigit bolsaň,**
**Ile soltan edeýin.**

* * *

**Alla beren paýym sen,**
**Täze dogan aýym sen,**
**Bakjada bossanym sen,**
**Dilimde dessanym sen.**

* * *

**Alla derman janyma,**
**Jana gatylanyma,**
**Işan-molla ýapyşyp,**
**Istäp tapylanyma.**

* * *

**Alla diýdim aýyma,**
**Daraýy don boýuna,**
**Goýun-goçgar soýulsyn,**
**Şu balamyň toýuna.**

* * *

**Alla diýsem, allasy,**
**Altyndandyr söýesi,**
**Ýüz ellidir düýesi,**
**Çopan sorar agasy.**
**Çopan düýe semretse,**
**Çopana zerli halat.**

* * *

**Alla janym, ak balam,**

**Ak bişikde[16] ýat balam,**
**Haçan babaň gelende,**
**Arzy-halyň aýt balam.[17]**

* * *

**Alla janymyň ujy,**
**Sensiň bilimiň güýji,**
**Seniň aýdan sözleriň**
**Maňa ballardan süýji.**

* * *

**Alla edip alaly,**
**Ak bişige salaly,**
**Seni beren Alladan**
**Uzak ýaşyň diläli.**

* * *

**Alladan-a, Alladan,**
**Hak saklasyn beladan,**
**Külli mähnet günäden**
**Özüň sakla Hudaýym!**

* * *

**Allalaýyn bäbegim,**
**Arzylaýyn bäbegim,**
**Adyňa Alma dakanym,**
**Gözüňe sürme çekenim.**

* * *

**Allalasam Arjanym,**
**Hakyk bilen merjenim,**
**Ysly sary saçlyja,**
**Alma-armyt başlyja.**

* * *

**Allalasam bolmazmy?**
**Dogam kabul kylmazmy?**
**Ýaradypdyr bir Alla,**
**Saňa ýaran bolmazmy?**

* * *

**Allalasam men seni,**
**Söýsem göwnüm jaý seni,**
**Gyş gyşlasam ýaz seni,**
**Günde söýsem az seni.**

---

[16] **Bişik – sallançagyň bir görnüşi.**
[17] **Bu bendiň: Alla janym, ak janym,**
**Ak bişikde ýat janym,**
**Ak bişikde ýatmasaň,**
**Arzy-halyň aýt, janym! – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Allalasam han oglan,**
**Derýada guş kän oglan,**
**Kesgir gylyç bilinde**
**Uruşda pälwan oglan.**

* * *

**Allalasam är bolar,**
**Her elinde nar bolar,**
**Ýortup öýden çykanda**
**Görip gözi kör bolar.**[18]

* * *

**Allalasam ýaraşar,**
**Boýuňa güller dolaşar,**
**Gül dolaşan boýlaryňa**
**Zerbap**[19] **donlar ýaraşar.**

* * *

**Allalar diýem saňa,**
**Tur, elek getir maňa,**
**Telewçede**[20] **ýag goýdum,**
**Owmaç**[21] **ederem saňa.**

* * *

**Allan-allalar etsem,**
**Arkalarma ýaý etsem,**
**Alla uzak ýaş berse,**
**Bar ýygnanmy toý etsem.**

* * *

**Allan-allan agasy,**
**Başynda tomagasy**[22]**,**
**Depesi altyn gupbaly,**
**Ülpüldär otagasy**[23]**.**

* * *

**Allan-allan agasy,**
**Kabul bolsun dogasy,**
**Meniň eziz balamyň**
**Alla bolsun hemrasy!**

---

[18] **Bu bendiň: Ar bolar-a, ar bolar,**
**Her elinde nar bolar,**
**Toýdan-toýa baranda**
**Görip gözi kör bolar – diýen nusgasy-da bar.**

[19] **Zerbap – zer bilen bezelen.**

[20] **Telewçe – penjiräniň öňündäki ýasy tagta.**

[21] **Owmaç – iýmit ady, tamdyrdan çykan täze gyzgyn çöregi uşajyk dograp, saryýag bilen garyp taýýarlanylýan tagam.**

[22] **Tomaga — gupbasyna bezeg üçin gysdyrylýan tawus guşuň ýelegi.**

[23] **Otaga – gyzlaryň tahýasynyň gupbasyna berkidilýän ülpüldäp duran öýme ýaglygyň ujy.**

* * *

**Allan-allan agy bar,**
**Gaýyşdan bilbagy bar,**
**Arslan janyň köýnegniň**
**Art etegniň çägi bar.**

* * *

**Allan-allan adaga,**
**Guşlar gonsun pudaga,**
**Pudakdaky ak guşlar**
**Öz balama sadaga.**

* * *

**Allan-allan adyňdan,**
**Sallançakda badyňdan,**
**Gyrmyzy gulpagyňdan,**
**Garaja galpagyňdan.**
**Arkajygmyň hopbasy,**
**Süýrdepämiň gupbasy.**

* * *

**Allan-allan adyňdan,**
**Alwanjynyň[24] badyndan,**
**Seni beren Allany**
**Çykarmagyn ýadyňdan.**

* * *

**Allan-allan aý bäbek,Ejesine paý bäbek,**
**Tur, ganymyň gözün oý,**
**Batyr bolgun, eý bäbek!**

* * *

**Allan-allan, aý guşlar,**
**Guşlar nirede gyşlar,**
**Alladan buýruk gelse,**
**Jennet bagynda gyşlar.**

* * *

**Allan-allan, Aý, gyzym,**
**Gara gaşy ýaý, gyzym.**
**On barmagy hünärli**
**Işi göwnejaý gyzym.**

* * *

**Allan-allan aý ederis,**
**Sallançagňa şaý ederis,**

[24] **Alwanç – bu ýerde sallançak manysynda (ýerli gepleşik).**

**Altyganat öý ederis,**
**Alty aýlap toý ederis.**[25]

* * *

**Allan-allan aýdasy,**
**Haçan deger peýdasy,**
**On ýaşyna baranda**
**Şonda deger peýdasy.**

* * *

**Allan-allan aýlagy,**
**Ýüpek ýaly gylygy,**
**Eziz balam Aýjemal**
**Suw içiniň sülügi**[26]**.**

* * *

**Allan-allan aýlardan,**
**Gyz alarys baýlardan,**
**Baýlar gyzy sep getir,**
**Garyp gyzy gep getir.**

* * *

**Allan-allan aýlardan,**
**Suw alaýyn çaýlardan,**
**Arkama köýmet**[27] **göterip,**
**Gyz soraýyn baýlardan.**

* * *

**Allan-allan ak maýsa,**
**Arkaňa güneş çoýsa,**
**Yzyndan ogul bolsa,**
**Ejeň hem seni söýse.**

* * *

**Allan-allan akanda,**
**Sygryn suwa ýakanda,**
**Ejesi gülüp bakar,**
**Gazet-kitap okanda.**

* * *

**Allan-allan akjadyr,**
**Bagda biten bakjadyr,**
**Garga diýip tutany**
**Uçup barýan zakjadyr**[28]**.**

---

**[25] Bu bendiň: Allan-allan aý bolsun,**
**Altyganat öý bolsun,**
**Altyganat öýüňde**
**Günde-günde toý bolsun! – diýen nusgasy-da bar.**

**[26] Sülük – ýapyşan haýwanlarynyň ganyny sorup ýaşaýan süýji suw gurçugy. Tebipçilikde hem ulanylýar. Näsagyň endamyna goýberilse, agyryly ýeri özi tapyp, şol ýere ýapyşyp, hapa gany sorup alýar.**

**[27] Köýmet – toýa eltilýän saçak (pişme, gatlama, byzmyk we ş.m.).**

**[28] Zakyja – ýylpyldawuk gara ýelekli, kiçijik gara garga.**

* * *

**Allan-allan aklasa,**
**Sallançakda uklasa,**
**Ulalyp adam bolup,**
**Emen süýdün haklasa.**[29]

* * *

**Allan-allan al bendi,**
**Saçyň derýalar bendi,Ejeň çaý içip derlär,**
**Daýyň getirse gandy.**

* * *

**Allan-allan al beren,**
**Sallançaga sal beren,**
**Zekadyna zer beren,**
**Hüşürine ner beren.**

* * *

**Allan-allan al peri,**
**Açylýar asman syry,**
**Meniň balam uçanda**
**Ýansyn duşmanyň bagry.**

* * *

**Allan-allan al hana,Ýetirsin gülgün hana,**
**Gol-aýagyň agyrsa,**
**Götereýin arkama.**

* * *

**Allan-allan, al hanym,**
**Üstüňde pida janym,**
**Duşmanlaryň pes bolsa,**
**Bolmaz meniň armanym.**

* * *

**Allan-allan alaýdy,**
**Bagyň gülün ýolaýdy,**
**Baglarda gyzyl gül dek,**
**Gyzlar bilen oýnaýdy.**

* * *

**Allan-allan alaýsyn,**
**Gül meňizli bolaýsyn,**
**Obada bir toý bolsa,**
**Kethudasy bolaýsyn.**

---

[29] **Bu bendiň: Allan-allan aklasa,**
**Sallançakda uklasa,**
**Ejeň gezmäge gitse,**
**Kakaň gelip ýoklasa – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Allan-allan alaýyn,**
**Gujagyma salaýyn,**
**Diýme «Kelläm agyrýar»,**
**Derdiňi men alaýyn.**

* * *

**Allan-allan alaýyn,**
**Sallançaga salaýyn,**
**Saňa gelen belany**
**Daga, daşa ýollaýyn.**

* * *

**Allan-allan alaly,**
**Bal dodagyň ýalaly,**
**Bagda biten garaly,**
**Garalyny seräli.**

* * *

**Allan-allan alaşar,**
**Garma donlar ýaraşar,**
**Jambörügi başynda,**
**Gelin-gyzlar daşynda.**

* * *

**Allan-allan alaşar,**
**Gül boýuna dolaşar,**
**Gülden näzik goluna**
**Merjen daksak gelişer.**

* * *

**Allan-allan alganak,**
**Atyp urgun çalganak[30],**
**Çalganak guş tapmasaň,**
**Urgun ýaşylbaş ördek.**

* * *

**Allan-allan aldyran,**
**Atyna begres saldyran,**
**Gidene halat geýdiren,**
**Gelene söwüş soýduran.**

* * *

**Allan-allan aldyrar,**
**Atyna begres saldyrar,**
**Il-güne hyzmat edip,**
**Kimdigini bildirer.**

* * *

**Allan-allan alkyşlar,**
**Gözüň gyýa bakyşlar,**

---

**[30] Çalganak – guş ady.**

**Gaşyň ýarym aý deýin,**
**Ak ýüzüňi nagyşlar.**

* * *

**Allan-allan Allasy,**
**Demirdendir galasy,Elimiň kümüş hasasy,**
**Başymyň altyn jygasy.**

* * *

**Allan-allan allasy,**
**Şundan geler gül ysy,**
**Söýsün garry mamasy,**
**Öz balamyň balasy.**[31]

* * *

**Allan-allan Allaýar,**
**Jülgeleri aldy gar,**
**Men seni gorabilmen**
**Gorasyn Perwerdigär.**

* * *

**Allan-allan almaly,**
**Alyp goýna salmaly,**
**Giç ýatyp, irden turar,**
**Gözi, gaşy sürmeli.**

* * *

**Allan-allan apaýyn,**
**Üstüňe mahmal ýapaýyn,**
**Begres, mahmal üşetse,**
**Ýüpek ýorgan ýapaýyn.**

* * *

**Allan-allan aparlar,**
**Toýuňda at çaparlar,**
**Ýaryň gelen wagtynda,**
**Üýşüp çelpek ýaparlar.**

* * *

**Allan-allan apylan,**
**Söýüp-söýlüp tapylan,**
**Eline ýarag alyp,**
**Ganymlara topulan.**

* * *

**Allan-allan ar bolsun,**
**Goly doly nar bolsun,**

---

[31] **Bu bendiň: Allan-allan allasy,**
**Gül ýassykda kellesi,**
**Söýgüli gelniň balasy,**
**Söýsün garry mamasy – diýen nusgasy-da bar.**

**Meň ballyma elmydam,**
**Ýaradan ýaran bolsun.**[32]

* * *

**Allan-allan arwana**[33]**,**
**Goşulyp gider kerwene,**
**Uzak ýoldan gelende,**
**Girsin ýaryň goýnuna.**

* * *

**Allan-allan at geldi,**
**Uzak ýoldan hat geldi,**
**Alla bäbek, uklama,**
**Kakaň bilen at geldi.**

* * *

**Allan-allan at edeýin,**
**Sallançagňa bat edeýin,**
**Seni beren Allany**
**Her bir demde ýat edeýin.**

* * *

**Allan-allan a:t ýagşy,**
**Gaýgy-gamdan şat ýagşy,**
**Gadyr bilmez gardaşdan,**
**Gadyr bilen ýat ýagşy.**

* * *

**Allan-allan ataly,**
**Sensiz neneň ýataly,**
**Sen gül bolup açylsaň,**
**Biz saýaňda ýataly.**

* * *

**Allan-allan atlanjak,**
**Toýlar tutup şatlanjak,**
**Gurban janyň toýunda,**
**Kyrk müň öýli atlanjak.**

* * *

**Allan-allan atly guzy,**
**Sallançagy batly guzy,**
**Aýlanaýyn iner ogul,**
**Sallançaga müner ogul.**

---

**[32] Bu bendiň: Allan-allan ar bolar,**
**Goýny doly nar bolar,**
**Nary ýere gaçanda**
**Gyzlar hyrydar bolar – diýen nusgasy-da bar.**

**[33] Arwana – düýäniň bir görnüşi (inen düýe).**

* * *

**Allan-allan atly oglan,**
**Sallançagy batly oglan,**
**Sen-ä bize gerekli**
**Goltuklary hatly oglan.**

* * *

**Allan-allan atynça,**
**Otursam aý batynça,**
**Seni beren saklasyn,**
**Uzak heňňam[34] ötünçä.**

* * *

**Allan-allan alhanda,**
**Gara gözüň balhanda,**
**Özüň bir ýagşy bala,**
**Ýöne aglamaň gende.[35]**

* * *

**Allan-allan alhanda,**
**Daýyň gelsin her günde,**
**Getirsin nohut, kişmiş**
**Jübüňi doldur şonda.**

* * *

**Allan-allan bes etsem,**
**Ulalsaň, höwes etsem,**
**Gyzyl gülden don biçip,**
**Etegin begres etsem.**
**Begres donuň ýakasy,**
**Deň-duşunyň bökesi[36].**

* * *

**Allan-allan öwmeli,**
**Öň ýakasy düwmeli,**
**Saňa bir gelin gerek**
**Gara gözi sürmeli.**

* * *

**Allan-allan özleriň,**
**Ne garaja gözleriň,**
**Garaňky gijelerde**
**Şöhle salar ýüzleriň.**

* * *

**Allan-allan özüňe,**
**Uky gelmez gözüňe,**
**Satyn alyp bazardan,**
**Sürme çalsam gözüňe.**

---

**[34] Heňňam – döwür, durmuş, wagt.**
**[35] Gende — ýaramaz, ýaman, erbet.**
**[36] Böke – pälwan.**

* * *

**Allan-allan özüňe,**
**Uky gelsin gözüňe,**
**Saňa nazar salanyň**
**Sözen[37] degsin gözüne.**

* * *

**Allan-allan, ölmesin,**
**Bagyň güli solmasyn,**
**Asuda ilimize**
**Päliýaman gelmesin.**

* * *

**Allan-allan Habybym,**
**Dertli jana tebibim,**
**Göçemde göçüm gurban,**
**Gonamda kölgeligim.**

* * *

**Allan-allan, han gelýär,**
**Sallançagňa gün gelýär,**
**Gülüme geýdirmäge**
**Gyrmyzydan don gelýär.**

* * *

**Allan-allan, hanym sen,**
**Saçakdaky nanym sen,**
**Öwlüýälere baş urup,**
**Istäp tapylanym sen.**

* * *

**Allan-allan hemişe,**
**Kerwen gitdi gamyşa,**
**Kerwenimiz aman gelse,**
**Seni tutsak kümüşe.**

* * *

**Allan-allan hemişe,**
**Golun tutsun perişde,**
**Her kim saňa «jan» diýse,**
**Äkitsinler behişde.**

* * *

**Allan-allan hemişe,**
**Boýy meňzär gamyşa,**
**Gyşlagynda gül bitse,**
**Ýazlagynda melewşe.**

[37] **Sözen – gumda bitýän ösümlik.**

* * *

**Allan-allan çagydyr,**
**Öýüň jennet bagydyr,**
**Çyk köçäniň başyna**
**Daýyň gelýän çagydyr,**
**Allalasam men seni,**
**Hüwdülesem men seni.**

* * *

**Allan-allan edeýin,**
**Baga seýran edeýin,**
**Ejeň suwa gidende**
**Näme berip aldaýyn!**

* * *

**Allan-allan edeýin,**
**Baga seýran edeýin,**
**Bagyň gyzyl gülüni,**
**Saňa gurban edeýin.**

* * *

**Allan-allan edeýin,**
**Allany ýat edeýin,**
**Seni beren Allany**
**Günde müň ýat edeýin.**

* * *

**Allan-allan emilsin,**
**Uklap gözler ýumulsyn,**
**Ukyňa päsgel berjek**
**Duşmanlaryň gömülsin.**

* * *

**Allan-allan el guşy,**
**Elinde toty guşy,**
**Enesi gelse obadan**
**Ýagsyn ýazyň ýagyşy.**

* * *

**Allan-allan el guşy,**
**Gapymyň mermer daşy,**
**Atań seniň geňeşçi,**
**Kakań seniň ýolbaşçy.**

* * *

**Allan-allan elmydam,**
**Ýaňaklary gül mydam,**
**Agyzlary oýmakdyr**
**Dodaklary bal mydam.**

* * *

**Allan-allan elmydam,**
**Ýaňaklary gül mydam,**

**Ýaňagyň gyzyl alma**
**Gyş günleri ýaz mydam.**

* * *

**Allan-allan eýjejik,**
**Oky-ýaýy inçejik,**
**Münen aty taýçanak,**
**Düşlän ýeri gök ýylak[38].**

* * *

**Allan-allan ýatynça,**
**Otyryn aý batynça,**
**Ýyldyzlary sanaryn**
**Sen kemala ýetinçäň.[39]**

* * *

**Allan-allan ýagşydyr,**
**Al palasyň nagşydyr,**
**Bir agasy tüýdükçi,**
**Bir agasy bagşydyr.**

* * *

**Allan atasy gelýär,**
**Uklap ýatasy gelýär,**
**Ak bazaryň ýolundan**
**Jigimiň atasy gelýär.**

* * *

**Allasy bar balamyň,**
**Tyllasy bar balamyň,**
**Gelýän nawyň[40] içinde**
**Dädesi bar balamyň.[41]**

* * *

**Alleý-alleý adyly,**
**Ak elleri kädili,**
**Ýany goşa ýeňňeli,**
**Kiseleri teňňeli.**

* * *

**Alleý-alleý, aý guşlar,**
**Guşlar gaýada gyşlar,**
**Hekim ata Süleýman**
**Gudratly işi başlar.**

---

[38] **Ýylak – gumda bitýän çylgym-çylgym baldakly, ýumşak ýaz oty.**
[39] **Bu bendiň: Allan-allan atynça,**
**Otyryn daň atynça,**
**Uky gelmez gözüme**
**Şu kemala ýetinçä — diýen nusgasy-da bar.**
[40] **Naw — gämi, gaýyk.**
[41] **Bu bendiň: Allasy bar, balamyň,**
**Tyllasy bar, balamyň,**
**Uzak-uzak illerde**
**Daýysy bar balamyň – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Alleý-alleý aý etsem,**
**Ýüz goýundan toý etsem,**
**Ýigde çelpek ýapdyrsam,**
**Garra guýruk çapdyrsam.**

* * *

**Alleý-alleý aýlançak,**
**Derýa suwy bulançak,**
**Altyganat ak öýüň**
**Sag dulunda sallançak.**

* * *

**Alleý-alleý aýlançak,**
**Akar suwlar bulançak,**
**Ak öýlere ýaraşar**
**Ak bäbekli sallançak.**

* * *

**Alleý-alleý, ak balam,**
**Sen rahat ýat, balam,**
**Gaýnadýanym şerbetdir,**
**Oýanaňsoň dat balam!**

* * *

**Alleý-alleý ak bally,**
**Saýrasa şirin dilli,**
**Ýakasy gyzyl gülli,**
**Gülleriňe döneýin.**

* * *

**Alleý-alleý ak bäbek,**
**Sallançakda ýat bäbek,**
**Her kim seni söýmese,**
**Ýakasyndan tut, bäbek.**

* * *

**Alleý-alleý ak bäbek,**
**Eneň öýde ýok bäbek,**
**Ataň awa gidende,**
**Eneň suwa gidende,**
**Sallançakda ýat bäbek.**
**Ataň awdan et getir,**
**Eneň saňa süýt getir.**

* * *

**Alleý-alleý ak Maýsa,**
**Öňüne güller ýaýsa,**
**Yzyndan ogul bolsa,**
**Bar kişi şony söýse.**[42]

---

[42] **Bu bendiň:** **Alleý-alleý ak Maýsa,**

* * *

**Alleý-alleý ak nogaý,**
**Aglamak gylygyň goý,**
**Hem käkilik, hem torgaý,**
**Daranyp otyr hol ýerde.**

* * *

**Alleý-alleý al başdan,**
**Atlary uçar guşdan,**
**Uçar guşdan ülňi[43] alan,**
**Ülňüsine gül salan.**

* * *

**Alleý-alleý al başdan,**
**Eýerleri kümüşden,**
**Gupbasy göwher gaşdan**
**Allalaýyn men seni.**

* * *

**Alleý-alleý al biter,**
**Garagumda gül biter,**
**Ballym bilin guşasa,**
**Ekin eker, bol biter.**

* * *

**Alleý-alleý al biter,**
**Nar agaja gül biter,**
**Üç ýaşyna baranda**
**Saýrap duran dil biter.**

* * *

**Alleý-alleý, al penje,**
**Her gulpagy bir penje,**
**Gyran ýerne çaňňaly,**
**Bir enaýy ýeňňeli.**

* * *

**Alleý-alleý ar bolmaz,**
**Biçen donum dar bolmaz,**
**Ballymy söýen bendeler**
**Ömür-baky hor bolmaz.**

* * *

**Alleý-alleý ar bolsun,**
**Her eliňde nar bolsun,**
**Ýortup öýden çykanda**
**Gyzlar hyrydar bolsun.**

---

**Öňüne güller ýaýsa,**
**Sülmüräp tikin tikse,**
**Barmagna tylla ýüwse – diýen nusgasy-da bar.**

[43] **Ülňi — biçüw, şekil almak.**

* * *

**Alleý-alleý alaýyn,**
**Toýluk unuň eläýin,**
**Gelnejem jan gelende**
**Ogul bäbek diläýin.**

* * *

**Alleý-alleý alaly,**
**Toýluk unuň eläli,**
**Seni beren Alladan**
**Ýüwrük bagt diläli.**

* * *

**Alleý-alleý alaşar,**
**Akja köýnek ýaraşar,**
**Ballym süýji dillidir,**
**Mähir bilen sözleşer.**

* * *

**Alleý-alleý alaşar,**
**Geýen geými ýaraşar,**
**Ala ýorgan içinde**
**Gelni bilen dalaşar.**

* * *

**Alleý-alleý alaşar,**
**Ala geýse ýaraşar,**
**Niçe begzada ýigit**
**Gullugynda dolaşar.**

* * *

**Alleý-alleý alaşar,**
**Ala geýse ýaraşar,**
**Ak keçäniň üstünde**
**Gelni bilen dalaşar.**

* * *

**Alleý-alleý aldyran,**
**Atyna mahmal saldyran,**
**Oturana söwüş soýup**
**Turana halat geýdiren.**

* * *

**Alleý-alleý aldyran,**
**Atyna mahmal saldyran,**
**Otursa goýun öldüren,**
**Tursa gala saldyran,**
**Galasynyň kilidi,**
**Ak asmanyň buludy.**

* * *

**Alleý-alleý aldyrar,**
**Atyna mahmal saldyrar,**
**Söweşde duşman ýeňip**
**Kimdigini bildirer.**

* * *

**Alleý-alleý alkyndy,**
**Akar suwlar tolkundy,**
**Beg daýysynyň ýegeni,**
**Bedew atyň uýany.**

* * *

**Alleý-alleý allançak,**
**Suw kenary typançak,**
**Ballym mugallym bolsa,**
**Ähli oba guwanjak.**

* * *

**Alleý-alleý allançak,**
**Akar suwlar bulançak,**
**Muhammedim ak bäbek**
**Seniň görküň sallançak.**

* * *

**Alleý-alleý allasy,**
**Gül ýassykda kellesi,**
**Ili üçin iş bitir**
**Alym bolan pillesi.**

* * *

**Alleý-alleý allasy,**
**Eşirepi[44] tyllasy,**
**Atalary beglerden,**
**Agalary baýlardan.**

* * *

**Alleý-alleý, allasy,**
**Daşymyň demir galasy,**
**Giç geler, gije gider**
**Ýigitleriň seresi.**

* * *

**Alleý-alleý allasy,**
**Gül ýassykda kellesi,**
**Gyzyl gülüň dessesi,**
**Sary ýagyň mesgesi.**

---

**[44] Eşirepi – pul birligi.**

* * *

**Alleý-alleý almaly,**
**Ala gözi sürmeli,**
**Säher turup görmeli,**
**Alyn saçyn örmeli.**

* * *

**Alleý-alleý almaly,**
**Alyp goýna salmaly,**
**Sary gawun bişende**
**Sapagyndan ýolmaly.**

* * *

**Alleý-alleý almaly,**
**Gara gözi sürmeli.**
**Gul aýagy ýöresin,**
**Bilbil dili saýrasyn.**

* * *

**Alleý-alleý Alpamyş,**
**Käkilleriň bir garyş,**
**Özi şazada sypat**
**Ýörese arslan ýöriş.**

* * *

**Alleý-alleý altany,**
**Oglanlaryň soltany,Ertir aýyt[45] gelende**
**Geýer gyzyl kürtäni.**

* * *

**Alleý-alleý altany,**
**Oglanlaryň soltany,Ekiniň hasylyndan**
**Dolduryp geler haltany.**

* * *

**Alleý-alleý alhamly[46],**
**Gant goşulan talhanly,**
**Allalaýyn bal guzy**
**Derdime sen melhemli.**

* * *

**Alleý-alleý alhamym,**
**Bal goşulan talhanym,**
**Ýagy gelse-ýaragym,**
**Uly ile-geregim,**
**Baldan süýji görenim,**
**Süýtden gaýmak süzenim,**
**Aýa-güne bakanym,**
**Adyna Leýli dakanym...**

---

**[45] Aýyt — baýram, baýramçylyk dabarasy.**
**[46] Alham – doga, Gurhanyň bir süresi.**

* * *

**Alleý-alleý alhana,**
**Bal goşulsyn talhana[47],**
**Gül aýagyň ýadasa,**
**Götereýin arkama.**

* * *

**Alleý-alleý amana,**
**Ynsap bersin ýamana,**
**Iki ýaman duş bolsa,**
**Bolar ahyrzamana.**

* * *

**Alleý-alleý apaýyn,**
**Toýuňda at çapaýyn,**
**Daşdan gelen gonaga**
**Mahmal serpaý ýapaýyn.**

* * *

**Alleý-alleý arapdyr,**
**At bakmaga ýarapdyr,**
**Aýagy gülli jorapdyr,**
**Gyz-gelinler garapdyr.[48]**

* * *

**Alleý-alleý ataýyn,**
**Seň göwnüňe ýeteýin,**
**Üstüme saýa bolsaň,**
**Aşagynda ýataýyn.**

* * *

**Alleý-alleý diýeýin,**
**Aýgözelmi söýeýin,**
**Daş ýoldan sawçy gelse,**
**Kyrk müň tylla diýeýin.**

* * *

**Alleý-alleý diýse bor,**
**Sary erigi iýse bor,**
**Gökdepeden sawçy gelse,**
**Bahasy gymmat diýse bor.**

* * *

**Alleý-alleý hanym sen,**
**Köýnek biçsem ýanym sen,**
**Toýda tumar bagym sen,**

---

[47] **Talhan – gowurga ununa toşap ýa-da başga süýji nygmatlar goşulyp, taýýarlanylýan iýmit ady.**
[48] **Bu bendiň: Alleý-alleý arapmy?**
**At bakmaga ýarapmy?**
**Aýagy gülli jorapmy?**
**Gyzlar muňa garapmy? – diýen nusgasy-da bar.**

**Günde gülüstanym sen.**

* * *

**Alleý-alleý has ýagşy,**
**Gyzyl çuwalyň nagşy,**
**Ilerde ýüzük gaşy,**
**Gaýrada keýik başy,**
**Kejebesi gökde oýnar,**
**Kenekesi[49] ýerde oýnar,Ýerde goýsam pos bolar,**
**Gökde goýsam ys bolar,**
**Alleý, balam huwwa-huw!**

* * *

**Alleý-alleý yşansyn[50],**
**Turup bilin guşansyn,**
**Müň tümenlik aty bar**
**Duşman ondan üýşensin.**

* * *

**Alleý-alleý edeýin,**
**Kürtäňe şaý edeýin,**
**Atañ gelse söweşdenÝedi gün toý edeýin.**

* * *

**Alleý-alleý edeýin,**
**Sensiz nirä gideýin,**
**Ballym bilen işden soň,**
**Bagda gezim edeýin.**

* * *

**Alleý-alleý äýnekli,Eli gyzyl çäýnekli,**
**Çäýneginde çaý içer,**
**Tabagynda paý iýer.**

* * *

**Alleý etsem ar bolmaz,**
**Biçen donum dar bolmaz,**
**Ballymyň söýen gyzy**
**Ömür-baky hor bolmaz.**

* * *

**Alleý etsem has kişi,**
**Tomus serer kişmişi,**
**Kişmişinden jübä salsa,**
**Bolmaz asyl teşwişi[51].**

* * *

**Alma bolar, nar bolar,**
**Balam mähriban bolar,**

---

[49] **Keneke — gelneje (ýerli gepleşikde).**
[50] **Yşanmak – ynanmak.**
[51] **Teşwiş — gorky.**

**Alma diýip saýlany**
**Söýgüli dildar bolar.**

* * *

**Alma gyzym gül ýüzli,**
**Gül börügi gunduzly,**
**Bagda açylan gülüm,**
**Toýunda dessemmilim[52].**

* * *

**Alma jany hopba ediň,**
**Başyna gurama topby ediň,**
**Agasy ekini kän alsa,**
**Başyna gyzyl gupba ediň!**

* * *

**Almadan algyn balam,**
**Sapagyn ýolgun balam,**
**Kimiň gyzyn halasaň,**
**Goýnuňa salgyn balam![53]**

* * *

**Almasyndan, naryndan,**
**Ak alkymy garyndan,**
**Güli açyldy bagynyň**
**Ýolsun gül pudagyndan.**

* * *

**Alny arap meýdany,**
**Atlar çapmaga ýagşy.**
**Gözi daglar çeşmesi**
**Ýatyp içmäge ýagşy.**

* * *

**Alny giňden aýylan,**
**Ýüzüme gülap çaýylan,**
**Gumda bedew saýylan**
**Bedew dünýäm, Baýram jan!**

* * *

**Alnyma dogan aýym,**
**Bagtyma berlen paýym,**
**Janym bilen söýenim,Eziz balam diýenim.**

* * *

**Alsam elimiň almasy,**
**Çalsam gözüm sürmesi,**

---

**[52] Dessemmil (dessemmaýa) – gawunyň ysgalýan kiçijik kyrkgünlük görnüşi, mazy hem diýilýär.**
**[53] Bu bendiň: Almany algyn balam,**
**Bagyndan ýolgun balam,**
**Haýsy gyzy alsaň-da,**
**Söýüşip algyn balam – diýen nusgasy-da bar.**

**Meniň balam Aýjemal**
**Bagymyzyň hurmasy.**

* * *

**Aly gelsin toýuňa,**
**Myhman gelsin öýüňe,**
**Bile gezen deň-duşlaň**
**Gatanç bersin toýuňa.**
**Göreşsin goç ýigitler,**
**Oýnasyn gyz-gelinler,**
**Ýigitler äňedende**
**Ýaglyk bular gelinler.**

* * *

**Alyn saçy al ýürek,**
**Depesinde çil ýüpek,**
**Çil ýüpegiň çüýjügi,**
**Dessemmiliň pürçügi.**

* * *

**Alyn saçyň al ýüpek,**
**Depe saçyň çil ýüpek,**
**Huwwalasam men seni,**
**Gujagyma gel, ýüpek!**

* * *

**Annajemal haýbatly,**
**Münen düýesi sowgatly,**
**Al-ýaşyldan köýmetli,**
**Gerekli balam, huwwa-huw!**

* * *

**Aparan-a, aparan,**
**Kentden gözel aparan,**
**Öýleri öýden ýokary,**
**Kakasy begiň nökeri.**

* * *

**Apbagym-a, apbagym,**
**Gül pudakda ýapragym,**
**Söýmedikler otursyn**
**Özüm söýjek apbagym.**

* * *

**Apbagymdan, agymdan,**
**Inip gelsem dagyňdan,**
**Eziz balam Kerim jan,**
**Güller ýolsam bagyňdan.**

* * *

**Aralyga alanym,**
**Dalaşykly söýenim,**

**Datly gören bäbegim**
**Boýuna guwananym.**

* * *

**Arkama hopba edenim,**
**Depäme gupba edenim,**
**Maňlaýyma oranym,**
**Gül ýaşmagma çolanym,**
**Ilki gözüm göreni,**
**Şirin dilim söýeni.**
**Eziz balam, alla-huw!**

* * *

**Aryk boýunda patrak,**
**Sen gül bolsaň, men ýaprak,**
**Güljemalma degeniň**
**Gözüne gysym toprak.**

* * *

**Aryk boýunda şeýda,**
**Şeýdadan şeker peýda,**
**Güljemalym sag bolsun,**
**Başga zatdan ne peýda.**

* * *

**Aslyň Mürçeden[54] dünýäm,**
**Öýüň arçadan dünýäm,**
**Daýzaň saňa don biçsin,**
**Ýüpek parçadan dünýäm.**

* * *

**At getir-ä, at getir,**
**Atyn ýükläp ot getir,**
**Gür jeňňeliň içinde**
**Gäwmiş[55] öldür, et getir.**

* * *

**At torbasy arbapdan[56],**
**Köýnekçesi zerbapdan,**
**At gazygy kümüşden,**
**Ýol azygy iýmişden.**

* * *

**Atajanym atlyja,**
**Goltuklary hatlyja,**
**Otursa kyssa düzer,**
**Atlansa oba gezer.**

---

**[54] Mürçe – Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda bir obanyň ady.**
**[55] Gäwmiş – uly kelleli, ýogyn şahly öküz.**
**[56] Arbap – dokalan matanyň görnüşi.**

* * *

**Atam-enem ýekesi,**
**Senden geler gül ysy,**
**Gara gözüm garasy,**
**Ýüregimiň parasy.**

* * *

**Ataň seň atly geler,**
**Ýany sowgatly geler,**
**Guzym seni gujaklap,**
**Otursam datly geler.**

* * *

**«Atlan, atlan!» diýlende,**
**Öňi bilen atlanar.**
**«Batyr, saýlan!» diýlende,**
**Atlary haýbatlanar.**

* * *

**Atlanyp awa gider,**
**Towşanly daga gider,**
**Towşan asar ýanyna,**
**Gany damar synyna,**
**Aryp-ýadap gelende**
**Ejesi gurban janyna.**

* * *

**Atlansa hana meňzär,**
**Tursa daýhana meňzär,**
**At üstünde oturşy**
**Il söýen hana meňzär.**

* * *

**Aty atdyr oglumyň,**
**Dosty şatdyr oglumyň,**
**Oňa ýamanlyk etjek**
**Duşmany matdyr[57] oglumyň.**

– B –

**Babajan nirden gelýär,**
**Ýüz-gözi nurdan gelýär,**
**Towşan asyp ýanyna**
**Towşanly gyrdan gelýär.**

* * *

**Baba jan-a, bal kişi,**
**Elinde demir çişi,**
**Juwaz aýlap, ýag alsa**
**Bolar jahyllar başy.**

---

[57] **Mat — gamgyn, gaýgyly, gussaly.**

* * *

**Babalymyň kakasy,**
**Atyn oýnadyp geler.**
**Ýatsa ýatsyn balasy,**
**«Balam nirde» diýp geler.**

* * *

* * *

**Bagda badam, bal jigim,**
**Çölde ýodam bol, jigim,**
**Seýran etse jahany**
**Ýelmaýasy[58] ýel jigim.**

* * *

**Bagynda serçe bardyr,**
**Dagynda arça bardyr,**
**Gyz arasynda balam**
**Görseň, enarça bardyr.**

* * *

**Bazardan ballar alsak,**
**Biliňe şallar[59] alsak,**
**Balajygym Myrat jan,**
**Ballar başyňa dönsek.**

* * *

**Baýram janym araly,**
**Gül ýüzüne garaly,**
**Baýram kimi halasa,**
**Şony alyp beräli.**

* * *

**Bakjasynda, bagynda,**
**Ýylyň bahar çagynda,**
**Bilbiller saýraşarlar**
**Gülümiň otagynda.**

* * *

**Bal akar bajagynda,**
**Ýag damar bujagynda,**
**Mydama aş bişýändir**
**Balamyň ojagynda.**

* * *

**Bal bilen-ä, bal bilen,**
**Guş-gumursy dil bilen,**
**Gyz sesiňi ak bäbek,**
**Dyndaraýyn dil bilen.**

---

**[58] Ýelmaýa – gadymy ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän, «ýörände aýagy ýere degmeýän», ýyldam maýa.**
**[59] Şal – bu ýerde bil guşagy manysynda. Elde dokalýan irimçik ýüň mata.**

* * *

**Balam, atyň säkdirme,**
**Sekiz myhyň kakdyrma,**
**Uzak ýere gideňde**
**Gelniň ýola bakdyrma.**

* * *

**Balam-balam balasy,**
**Senden geler gül ysy,**
**Seni bagryma bassam,**
**Äleme ýaýrar ysy.**

* * *

**Balam gara gözüňden,**
**Seniň süýji sözüňden.**
**Meniň balam Aýgözel**
**Aýlanaýyn özüňden.**

* * *

**Balam gelýär illerden,**
**Aşyp depe-gollardan,**
**Eýäm seni saklasyn,**
**Ýaman gözden-diller00den.**

* * *

**Balam müner kejebä,**
**Bereket insin ojaga,**
**Kejebeden düşende**
**Gelip girer gujaga.**

* * *

**Balam jana tenekär,**
**Samandan böwrek ýasar[60],**
**Mejlislere gidende**
**Begler bolar hyzmatkär.**

* * *

**Balam seni söýeýin,**
**Gyrmyzy gülüm diýeýin,**
**Gyrmyzy gülüm ysyňdan**
**Ysgap-ysgap doýaýyn.**

* * *

**Balam, ýaşyň uzakdyr,**
**Urmak-sökmek ýazykdyr,**

---

**[60] Çagalaryň batbörek ýasap oýnaýan oýny.**

**Alkymyňdan ysgasam,**
**Alty aýlyk azykdyr.**[61]

* * *

**Balamyň başy ýaşdyr,**
**Ölmese, ýoly daşdyr,**
**Ulalanda köp okar**
**Kitap oňa ýoldaşdyr.**

* * *

**Balasynyň balasyn,**
**Ekezleder**[62]**, enesi.**
**Guzusynyň guzusyn,**
**Gotazladar**[63] **enesi.**

* * *

**Baldan mazaly sözi,**
**Ot dek ýanyp dur gözi,**
**Äleme şöhle salyp,**
**Aýa bäs eder ýüzi.**

* * *

**Ballar kimin balaşa,**
**Düzde gezer hemişe,**
**Atlanyp seýle çyksa,**
**Münen aty alaşa.**

* * *

**Ballar bolsun iýjegiň,**
**Ýüpek bolsun geýjegiň,**
**Nirde bolsaň unutma,**
**Garyp ejeň ojagyn!**

* * *

**Ballar-ballar başyňa,**
**Bal gatylsyn aşyňa,**
**Okaraňy dolduryp,**
**Aş bergin deň-duşuňa.**

* * *

**Ballym adam tüýsidir,**
**Ysy güller ysydyr,**
**Ballyma at dakanyň**
**Özi adam pisidir.**

* * *

**Ballym adyň Öwelek,**
**Ýüwrüp çöplär kömelek,**

---

[61] **Bu bendiň: Meniň balam näzikdir,**
**Urmak-sökmek ýazykdyr,**
**Ýaňagyndan ogşasam,**
**Alty aýyma azykdyr – diýen nusgasy-da bar.**

[62] **Ekezlenmek — dogumlanmak, batlanmak, tijenmek.**

[63] **Gotaz — ujy ýüplük pürçükli ýa-da seçekli, düwme dakylan saç bezegi.**

**Söweşe gideniňde**
**Atyň bolar ýüwürek.**

* * *

**Ballym atyň ýaş bolsun,**
**Münen atyň guş bolsun,**
**Her söweşe gideňde**
**Erenler ýoldaş bolsun.**

* * *

**Ballym aýyň bölegi,**
**Şuňkar guşuň ýelegi,**
**Çyn käseden çaý içse,**
**Müňňüldeşer eňegi.**

* * *

**Ballym-ballym bal başdan,**
**Atlary uçar guşdan,**
**Eýerleri gyzyldan**
**Gupbasy göwher gaşdan.**

* * *

**Ballym-ballym, bal başdan,**
**Aýlansam degre-daşdan,**
**Kesmek beriň ballyma**
**Gazan doly ak daşdan.**

* * *

**Ballym-ballym bal eken,**
**Bal däl, gyzyl gül eken,**
**Seniň eken gülleriň**
**Atyr ysly gül eken.**

* * *

**Ballym-ballym, bal harman,**
**Sesiň derdime derman,**
**Her kim seni söýmese,**
**Ölünçä çeker arman.**

* * *

**Ballym-ballym bal ýaljak,**
**Oky-ýaýy bir gujak.**
**Dogar aýda toý tutuň,**
**Sap gyzyldan şaý tutuň.**

* * *

**Ballym-ballym balaşar,**
**Akja köýnek ýaraşar,**
**Öňünde alma goýsaň,**
**Dosty bilen paýlaşar.**

* * *

**Ballym-ballym han oglan,**
**Han teňňesi kän oglan,**
**Ok-ýaragyn dakynyp,**
**Çap atyň herýan oglan.**

* * *

**Ballym barmaklaryňdan,**
**Dalçyn[64] myhaklaryňdan[65],**
**Kakaň metjitden gelse,**
**Ogşar ýaňaklaryňdan.**

* * *

**Ballym batyrgaý alçak,**
**Ýabyň suwy bulançak,**
**Gowaçalar boý alar**
**Şahasy bor sallançak.**

* * *

**Ballym bahym tur-da gel,**
**Okuň-ýaýyň gur-da gel,**
**Aşakda erkin iliň,**
**Duşmanlarňy gyr-da gel!**

* * *

**Ballym bolma bet oglan,**
**Eneňe habar gat oglan,**
**Ejeň işden gelýänçä**
**Dynjyň alyp ýat oglan.**

* * *

**Ballym geler illerden,**
**Tahýasy doly güllerden,**
**Allaň özi gorasyn,**
**Ýaman gözden, dillerden.**

* * *

**Ballym gelýär o dagdan,**
**Jübsi doly dagdandan,**
**Saýlap-seçip gyz alsa,**
**Iýmiti tüwi ýagdan.**

* * *

**Ballym gelýär künjüden,**
**Jübüsi doly hünjüden,**
**Ballym janyň toýunda**
**Söwüş gitsin i:njiden[66].**

* * *

**Ballym, gelýär, künjüden,**
**Dişjagazy hünjüden,**

---

**[64] Dalçyn – derman ösümlik.**
**[65] Myhak – dänesi dermanlyk üçin ulanylýan ýakymly ysly ýabany ösümlik.**
**[66] I:nji — kiçijik çaga barmagyny soranda mamasy-babasy tarapyndan berilýän mal.**

**Eziz Allam gorasyn**
**Dert ýamany sanjydan.**

* * *

**Ballym gelýär Hywadan,**
**Ýany doly miweden,**
**Deňi-duşy gelende**
**Paýlar berer miweden.**

* * *

**Ballym gider, at getir,**
**At üstünde bek otyr,**
**Gyzlar bilen oýnasa,**
**Betlik etmez dek otyr.**

* * *

**Ballym gulagyn gerdi,**
**Üç ýaşynda gür berdi,**
**Bu durmuşy Serdarym**
**Ballyma peşgeş berdi.**

* * *

**Ballym guşuň balasy,**
**Bakjadadyr enesi.**
**Ak pagtany köp ýygar,**
**Şu ballymyň enesi.**
**Gül aýagyň ýöresin,**
**Bilbil diliň saýrasyn.**

* * *

**Ballym derdiňe ýanjak,**
**Owazyň bilbil sanjak,**
**Altyganat öý diksem,**
**Şondan etjek sallançak.**

* * *

**Ballym janyň harmany,**
**Bugdaýy il dermany,**
**Balam söýüp gyz alsa,**
**Şonda galmaz armany.**

* * *

**Ballym işläsi geler,**
**Halal dişläsi geler,**
**Görip içigaranyň**
**Garnyn çişläsi geler.**

* * *

**Ballym kölüň sonasy,**
**Dogramanyň honasy[67],**

---

[67] **Hona — 1) üstünde hamyr ýaýylýan, et dogralýan tagta. 2) dograma garyljak et dogralanda bir bölek petir çöregiň üstünde dogralýar, şoňa «hona nan» diýilýär. Şol hona nanyň bölegi çagalara paýlanylyp berilýär.**

**Şu ballyma söýgüden**
**Sargarypdyr enesi.**

* * *

**Ballym mekdebe barsyn,**
**Tertip-düzgüni bilsin,**
**Esgerlige gidende**
**Basym baştutan bolsun.**

* * *

**Ballym oýnasyn, ýörsün,**
**At çapyp, gämi sürsün,**
**Işinde türgen bolup**
**Iline peşgeş bersin.**

* * *

**Ballym seni ýatyrdym,**
**Gyzyl güle batyrdym,**
**«Ukudan gansyn» diýip,**
**Baş ujunda oturdym.**

* * *

**Ballym uzak ýatmasyn,**
**Säher uka batmasyn,**
**Ballymy ýeke taşlap,**
**Dosty ýoldan ötmesin.**

* * *

**Ballym uklap ýatandyr,**
**Per ýassyga batandyr,**
**Balaň juwan ejesi**
**Kyrk ýaşyna ýetendir.**

* * *

**Ballym uklap ýatandyr,**
**Per ýassyga batandyr,**
**Şu ballymyň ugrunda**
**Ejesi germesatandyr[68].**

* * *

**Ballym şundan atlandy,**
**Howasy bulutlandy,**
**Münen aty taý-gulan,**
**Gezen ýeri gök çemen,**
**Kentde[69] keýik oýnatmaz**
**Suwda gämi ýaýnatmaz.**

* * *

**Ballym-a meň at bakar,**
**Ulalyp pälwan ýykar,**

---

[68] **Germesatan — ýetişip bilmän, ylgap ýörmek.**
[69] **Kent – oba.**

**Çar tarapa at salyp,**
**Gyzlaryň için ýakar.**

* * *

**Ballymdan aýlanaýyn,**
**Toýunda şaýlanaýyn,**
**Maýa münüp ýaýkanaýyn,**
**Söýgüläp çaýkanaýyn.**

* * *

**Ballymyň gara gözi,**
**Şirinden şeker sözi,**
**Watanyn goramaga,**
**Elmydam taýýar özi.**

* * *

**Ballymyň kän soragy,**
**Gül başymyň daragy,**
**Gije şöwürler[70] çeksem,**
**Gündiz gözümiň çyragy.**

* * *

**Ballymyň çaryklary,**
**Köldedir balyklary,**
**Gyrmyzy nara meňzär**
**Jigimiň ýaňaklary.**

* * *

**Balym aýyň bölegi,**
**Akar suwuň balygy,Ejesi bilen çaý içer**
**Öz öýmüziň läligi.**

* * *

**Balym-balym bal başdan,**
**Gazan doly ak aşdan,**
**Gelin alsak ballyma**
**Ak ýüzli, gara gaşdan.**

* * *

**Balyňdan hem gülüňden,**
**Bilbil ýaly diliňden,**
**Il aýlansyn her günde**
**Käkilli sünbüliňden.**

* * *

**Baranyň bazar bolsun,**
**Ýollaryň gülzar bolsun,**
**Saňa kast eden duşman**
**Janyndan bizar bolsun.**

---

**[70] Şöwür çekmek – 1) uzyn gije uklaman, dik oturmak.**
**2) gijelikde uzak ýoly ýöräp geçmek.**

* * *

**Başymyzyň täçdary,**
**Ejeň köňül mydary,**
**Bir zaman ejeň sensizÝetmez sabry-karary.**

* * *

**Başyny başlap döneýin,**
**Işimi taşlap döneýin,**
**Eziz gören balamyň**
**Toýuny başlap döneýin.**

* * *

**Başynda-ha, başynda,**
**Çile börük başynda.**
**Çile börügi çykaryp,**
**Nogul-nabatlar seçip,**
**Toý tutalyň ogluma.**
**Myhman gelsin duluma.**

* * *

**Begleri öýne düşürip,**
**Deň-duşuny üýşürip,**
**Ýagly palaw bişirip,**
**Iýsin deň-duşy bilen.**

* * *

**Bedew atyn bökdürip,**
**Bellenene döneýin.**
**Gyrmyzy donlar geýip,**
**Sallanana döneýin.**

* * *

**Bedew atyň ýaly bar,**
**Halysynyň göli bar,**
**Meniň eziz balamyň,**
**Çep ýanagnyň haly bar.**

* * *

**Bereket gitmez illerden,**
**Noýba ýygar çillerden,**
**Ballym aýdym aýtsa,**
**Owazy bilbillerden.**

* * *

**Bilbil guşuň bolaýyn,**
**Gollaryňa gonaýyn,**
**Sen atlanyp çykaňda**
**Jylawdaryň bolaýyn.**

* * *

**Bilegi akja ballym,**
**Ýüregi päkje ballym,**
**Kesek zyňsa ýatyrar**

**Gargadyr zakja ballym.**

* * *

**Bilim alyp, ulalyp,**
**Alym bolup, ös balam!**
**Yhlas bilen işleseň,**
**Ejeň bolar, hoş balam!**

* * *

**Boz atynyň boýnagy,**
**Boýnagy göz oýnagy,**
**Oýnap, gülüp gelende**
**Iýeni süýt gaýmagy.**

* * *

**Boýuna jan, boýuna,**
**Il ýygnansyn toýuna,**
**Bir menzilden gygyryp,**
**Çapar gelsin toýuna.**

* * *

**Boýuny jan, boýuny,**
**Ballym söýer oýuny,**
**Deň-duşlary gelende**
**Öldir semiz goýuny.**

* * *

**Boýuň meňzär çynara,**
**Gül ýüzüň alma-nara,**
**Sen kimin batyr ýigit**
**Asla gelmez jahana.**

* * *

**Boýuň meňzär çynara,**
**Gül ýüzüň alma-nara,**
**Ösüp-ulal ak gyzym,**
**Tur-da, saçyňy dara.**

* * *

**Boýuň uzap saýlansyn,**
**Eneň senden aýlansyn,**
**Erte seniň toýuňda**
**Bedew atlar şaýlansyn.**

* * *

**Bu bazar uly bazar,**
**Içinde jigim gezer,Elinde döwet galam**
**Derdime doga ýazar.**

* * *

**Bu ballym pälwan ýykar,**
**Ulalanda at bakar,**

**At boýnuna jaň dakyp,**
**Gyzlaryň için ýakar.**

* * *

**Bujaga, jan bujaga,**
**Bereket insin ojaga,**
**Gyrmyldapjyk ýöre-de,**
**Gelip girgin gujaga.**

* * *

**Bägül gyzym gül gyzym,**
**Saçlary sünbül gyzym,**
**Gyzlar läle kakanda,**
**Owazy bilbil gyzym.**

* * *

**Bäş köşekli, bäş düýe,**
**Otuz jübüt ner-maýa.**
**Şonuň biri kem bolsa,**
**Bakmasyn biziň taýa.**

* * *

**Bäşim janyň toýuna,**
**Dönüp-dönüp gideýin.**
**On kejebäni gurap,**
**Oňa gelin getireýin.**

– Ç –

**Çeşme suwuň sakasy,**
**Daraýy donuň ýakasy,**
**Gülden näzik ejesi**
**Ýaş ýigitdir kakasy.**

* * *

**Çeşmelerden suw akar,**
**Balam atyny ýakar,**
**Obamyzyň gyzlary**
**Oňa ogrynça bakar.**

* * *

**Çogdasyny çaň basyp,**
**Dört aýagny deň basyp,**
**Ýanyna awlar asyp,**
**Ýorga geler gyzyma.**

* * *

**«Çygşyl-çygşyl» agaçlar,**
**Onda gizlener guşlar,**
**Ballym akja kagyza**
**«Serdar» diýp, ýazyp başlar.**

**Dag içiniň gowagy,**
**Kakasy döwer döwegi,**
**Gijeler tagat çeksem[71],**
**Sen ýüzümiň tuwagy[72].**

* * *

**Dagda bugdaý seriler,**
**Çykma boýuň görüler,**
**Sekiz gulaç[73] saçyňdan**
**Heýkel bagy örüler.**

* * *

**Dagdan aýrak getiren,**
**Toýdan baýrak getiren,**
**Görogly agasy dek**
**Okun pilden ötüren.**

* * *

**Dagdan ge:tir omçany[74],**
**Malyna berer zamçany,**
**Bakan malyn semredip,**
**Iýer ýagly omaçany.**

* * *

**Dagdan ge:tir omçany,**
**Malyna berer zamçany,**
**Mämmet janyň halany**
**Geýer ýüpek parçany.**

* * *

**Dagdan daşarlar arçany,**
**Geýdirler gymmat parçany,**
**Güljemal ýaljak gunçany,**
**Hudaýdan dilärler saňa.**

* * *

**Dagdan dişli daragym,**
**Arkadagym, geregim,**
**Şu balamy söýmesem,**
**Çatlap barýar ýüregim.**

* * *

**Daglardan-a, daglardan,**
**Bir gül üzdüm baglardan,**
**Deregiňi sorasam,**
**Aslyýetiň hanlardan.**
**Erikleriň nowçasy,**

---

**[71] Tagat çekmek – perzent söýüp gijäni ukusyz geçirmek.**
**[72] Tuwak – 1) ýüze örtülýän örtgi. 2) gyz ady.**
**[73] Gulaç – ölçeg birligi. Iki goluňy giň gereniňdäki uzynlyk.**
**[74] Omça – odunyň tööňesi, käbir ýerlerde ojar odunyna hem omça diýilýär.**

**Baglaryň gül-gunçasy,**
**Gül melewşe dessesi,**
**Sary ýagyň mesgesi.**

* * *

**Daglary inderer men,**
**Atyňy dönderer men,**
**Şu gün bir gurgun aty,**
**Daýyňa gönderer men.**

* * *

**Daýysy geýer telpegi,**
**Ejesi ýaýar çelpegi,**
**Şu balamyň gulpagy,**
**Ygyp gider şemala.**
**Alla-alla aýyşda,**
**Bendäň gezer käýişde,**
**Altmyş iki perişde,**
**Her haýsysy bir işde.**

* * *

**Daň atanda ýalbyrap,**
**Oturýaryn saç darap,**
**Ýygyma gitjek çagym**
**Ballymam gider ýöräp.**

* * *

**Daraýy donuň ýakasy,**
**Akar suwlar sakasy,**
**Ak bäbegmiň kakasy,**
**Geler ýatlaýa-ýatlaýa.**

* * *

**Demir gala saldyrar,**
**Içine oba doldurar,**
**On bäş goýun öldürer,**
**«Jomart eken» diýdirer.**

* * *

**Depä çykar bal dünýäm,**
**Düwme dakar şol dünýäm,**
**At üstünde oturşy,**
**Göýäki bir han dünýäm.**[75]

* * *

**Derek dek boýuň bolsun,**
**Gurbanyň goýun bolsun,**
**Gerekli balam, Kerim jan,**

---

[75] **Bu bendiň: Depä çykar bal dünýäm,**
**Düwme dakar bal dünýäm,**
**Deňi-duşun görende**
**Gülüp bakar bal dünýäm – diýen nusgasy-da bar.**

**Ullakan toýuň bolsun.**

* * *

**Diýsem diýenim etsin,**
**Göwün islegi bitsin,**
**Allalasam ak bäbek,**
**Daňlaryň rahat atsyn.**

* * *

**Düýpde gazyk ýörimez,**
**Suwda kümüş erimez,**
**Meň ballymy söýmedik**
**Hiç wagtda ýarymaz[76].**

* * *

**Dilimde dessanym sen,**
**Bagymda bossanym sen,**
**Täze dogan aýym sen,**
**Alla beren paýym sen.**

* * *

**Doganym-a, doganym,**
**Sarymsakdyr soganym,Ejeň-ä bir ýat gyrnak,**
**Kakaň meniň doganym.**

* * *

**Döwran janym atlanar,**
**Atyna ganat beklener,**
**Çalyp guşyn alýança,**
**Bedew aty saklanar.**

* * *

**Döneýin-döndereýin,**
**Bazara göndereýin,**
**Bazardan ballar alsyn,**
**Egnine donlar alsyn.**

* * *

**Döneýin, dönüşiňden,**
**Pyýada ýörişiňden,**
**Elim işde döneýin,**
**Agzym aşda döneýin,**
**Bu gün elim degmese,**
**Erte giçde döneýin.**

* * *

**Dükür-dükür daýyň gelýär,**
**Bir okara paýyň gelýär,**
**Dagdan aşyp daýzaň gelýär,**
**Gumdan aşyp mamaň gelýär.**

---

[76] **Ýarymaz – bu ýerde işi oňuna bolmaz manysynda.**

* * *

**Dürli-dürli geýdirenim,**
**Datly damak iýdirenim,**
**Eziz balamyň balasy**
**Söýsün garry enesi!**

* * *

**Dürli magdanly dagyň,**
**Miwesi bişdi bagyň,**
**Bilbilleri saýraşyp.**
**Joşýar joşmaly çagyň,**
**Bagtly bolduň sen oglum,**
**Guwanýaryn men oglum!**

– E –

**Eýjejik gülüm bäbek,**
**Saýraýan dilim bäbek,Eger ki sen bolmasaň,**
**Saýramaz dilim bäbek.**

* * *

**Ejeň, kakaň işeňňir,**
**Sylag alarlar erte.**
**Sylag berlen matadan,**
**Saňa tikeris kürte.**

* * *

**Eziz balam, bir ýagşy,**
**Ilde söýülýän bagşy,**
**Kesearkajy gözlesem,**
**Tapylmaz senden ýagşy.**

* * *

**Eziz balam Süleýman,**
**Seni Hakdan dilärmen,**
**Hak dilegim berýänçä,**
**Sabyr eýläp durarman.**

* * *

**Ezizim, gara dagym,**
**Miweli alma bagym,**
**Garaňky gije çyragym,**
**Nurmämmet jan alla huw!**

* * *

**Ekin ekdim uşajyk,**
**Bogunlary ýumşajyk,**
**Meniň eziz jigimiň**
**Häsiýeti ýumşajyk.**

* * *

**El üstünde ekläýin,**
**Jandan eziz saklaýyn,**

**Okuwa gitjek bolsaň,**
**Bukjajygňy bekläýin.**

* * *

**Elguşy elinde oýnar,**
**Tazysy ýanynda oýnar,**
**Gamçysyndan gan damar,**
**Üzeňňisinden ýag damar.**

* * *

**Elenemde berilen,**
**Köýenimde düzülen,**
**Gara bagrym jan ogul,**
**Şirin janym han ogul!**

* * *

**Elimden iýmiş alar,**
**Arkamdan ýüküm alar,**
**On-on bäş ýaşa barsa,**
**Bir gün alnymdan dirär.**

* * *

**Elinde tamdyrasy,**
**Garaja gandalasy[77],**
**Bazarçylar bajysy,**
**Ýigitler ortanjysy.**

* * *

**Eliň akja ellerden,**
**Bereket gitmez illerden,**
**Ballym aýdym aýtsa,**
**Owazy bilbillerden.**

* * *

**Eliňe guş bolaýyn,**
**Sag-soluňda gonaýyn,**
**Daş ýerden myhman gelse,**
**Jylawdaryň bolaýyn.**

* * *

**Ellerden-ä ellerden,**
**Başa gysdyr güllerden,**
**Mekdebe arman gatnap,**
**Öwren ençe dillerden.**

* * *

**Elleri ellerinde,**
**Synlary billerinde,**
**Meniň jigim suw tutsa,**
**Ýaňgalaň[78] çillerinde.**

---

[77] **Gandala – kiçijik möjejik.**
[78] **Ýaňgala – Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir obanyň ady.**

* * *

**Ellerinde el ýaglyk,**
**Billerinde bil baglyk,**
**Gije ýatmaz ejesi**
**Elmydama oýalyk.**

* * *

**Elleri-hä elleri,**
**Agyrmasyn billeri,**
**Agalary toý etse,**
**Hyzmat eder gollary.**

* * *

**Elleri-hä, elleri,**
**Gysdyr başa gülleri,**
**Okap ýazyp başlasa,**
**Öwrener köp dilleri.**

* * *

**Elleri-hä, elleri,**
**Çekip barýar pelleri,**
**Egnine dökülipdir**
**Galpagynyň telleri.**

* * *

**Enary-ýa, enary,**
**Oýnap barsyn kenary,**
**Başyndaky börügi,**
**Enesiniň hünäri.**

* * *

**Eneň pendin al, ballym,**
**Irden turup gel, ballym,**
**Gül Watany goramaga**
**Mydam taýýar bol, ballym,**

* * *

**Eňegi etleň böwregi,**
**Dişläp iýmäge ýagşy,**
**Ýaňagyň ýaz almasy**
**Ysgap iýmäge ýagşy.**

* * *

**Esrik nerler bitimli,**
**Aýrak goçlar tutumly,**
**Ýagyrnylary ýaý boýly,**
**Gerdenleri gez[79] boýly.**

– Ä –

[79] **Gez – tirsekden barmagyň ujuna barýança bolan aralyk.**

**Äpişgeden gün düşer,**
**Gün düşse, bagrym bişer,**
**Gullukdaky doganym**
**Günde ýadyma düşer.**

– G –

**Gadyrly gara dagym,**
**Miweli alma bagym,**
**Garaňky gije çyragym,**
**Sensiň meniň geregim.**

* * *

**Gaýradaky gaýalar,**
**Mahmal jully maýalar,**
**Meniň balam ulalyp,**
**Gitdigiçe boý alar.**

* * *

**Gaýradan bir gyz geler,**
**Gyýma gara gaşlyja.**
**Alyp beriň ballyma,**
**Agzy hünji dişlije.**

* * *

**Gamy azdyr oglumyň,**
**Keýpi sazdyr oglumyň,**
**Aryp-ýadap gelende**
**Gyşy ýazdyr oglumyň.**

* * *

**Gapyda gyrnak hüňňürdär,**
**Dulda gelin şaňňyrdar,**
**Tazylary aw alsa,**
**Düwmeleri düňňürdär.**

* * *

**Gara gözli, gül ýüzli,**
**Gül börügi gunduzly,**
**Gunduzly gulpagyndan,**
**Şirmaýy telpeginden.**

* * *

**Gara gözňe maýyl ogul,**
**Götermäge kaýyl ogul,**
**Eneň seniň yzyňda**
**Elmydam saýyl[80] ogul.**

* * *

**Gara gözüm garasy,**

---

[80] **Saýyl – sergezdan.**

**Saýrak dilim seresi,**
**Aýlanaýyn ak bäbek**
**Ýollarymyň çyrasy.**

* * *

**Gara gözüm garasy,**
**Sen jigermiň parasy,**
**Hemmeler göz agymdyr**
**Sen gözümiň garasy.**

* * *

**«Gara gözüm» diýeýin,**
**Janym girew goýaýyn,**
**Gara gözüm röwşeni,**
**Seni allalar edeýin.**

* * *

**Gara gözüm Karkara,**
**Saçy gunduzdan gara,**
**Gunduzy galpagynda,**
**Düwmesi telpeginde.**

* * *

**Gara gözüm yşygy,**
**Öýmüziň ýaraşygy,**
**Sary käşir ýapragy,**
**Datly alma sapagy.**

* * *

**Garaja taýmyz düzdedir,**
**Tanaplary bizdedir.**
**Meniň söwer balamyň,**
**Gara gözi gyzdadyr.**

* * *

**Garasy gara dagym,**
**Salkyn saýaly bagym,**
**Huwwalasam men seni**
**Aýny söýmeli çagym.**

* * *

**Garlawaç gaýyp uçar,**
**Ganatyn ýaýyp uçar,**
**Meň balamyň gelini**
**Töre şaňňyrdap geçer.**

* * *

**Gatma-gatdyr galaňyz,**
**Polatdan derwezäňiz,**
**Atlanyplar çykaňda**
**Dag aşar owazyňyz.**

* * *

**Gatnap başlar okuwa,**
**Aýlar, günler, her hepde.**
**Alyp Serdar tälimin**
**Okar balam mekdepde.**

* * *

**Gezersiň ýorta-ýorta,**
**Sylag alarsyň erte,**
**Sylag alan parçaňdan**
**Saňa tikeris kürte.**

* * *

**Gelneje jan, tursana,**
**Degirmeniň gursana,**
**Jigim janym ajykdy**
**Birje köke bersene.**

* * *

**Geregim-ä, geregim,**
**Çaýym bilen çöregim,**
**Ak maýanyň üstünde,**
**Oba gezer geregim.**

* * *

**Gije-gündiz ýadyna,**
**Salar seni, kaka jan.**
**Gele-gelmän gujagna,**
**Alar seni kaka jan.**

* * *

**Gowudyr-a, gowudyr,**
**Ballym çeşme suwudyr,**
**Urmaň, sökmäň ulalsyn,**
**Nurly günüň çogudyr.**

* * *

**Goç goýberiň goýuna,**
**Guzy beriň toýuna,**
**Daýysy bilen daýzasy**
**Durman gelsin toýuna.**

* * *

**Goýun-guzy i:njili,**
**Arslan haýbat penjeli,**
**Allalaýyn men seni**
**Kürtesi doly hünjüli.**

* * *

**Gözlerimde agym sen,**
**Özüň ýürek ýagym sen,**
**Armanym ýok dünýäde,**

**Çar dereli bagym sen.**

* * *

**Gözlerimiň garasy,**
**Sözlerimiň seresi,**
**Jigim ýüpek don geýse,**
**Geler hemmäň göresi.**

* * *

**Gözümiň guwanjy sen,**
**Ýüregmiň begenji sen,El üstünde eklärin,**
**Seni eziz saklaryn.**

* * *

**Gökde durnalar gezer,**
**Suwda sonalar ýüzer,**
**Eli goşa tüpeňli**
**Mergen kastynda gezer,**
**Jigim ony ürküzer.**

* * *

**«Görer gözüm» diýeýin,**
**Janym girew goýaýyn,**
**Gara gözmüň röwşeni**
**Käkil goýup söýeýin.**

* * *

**Guwanaýyn boýuňa,**
**Hemme gelsin toýuňa,**
**Uzak-uzak illerden**
**Daýyň gelsin toýuňa.**

* * *

**Guzularyň koý bolgaý,**
**Ýygnanlaryň toý bolgaý,**
**Toýuňa begler gelip,**
**«Berekella han» diýgeý.**

* * *

**Guzymyň başy ýaşdyr,**
**Ölmese ýoly daşdyr,**
**Oglumyň aljak gyzy**
**Gara göz, galam gaşdyr.**

* * *

**Gumda biten gyzyl gül,**
**Dagda biten dessembil.**
**Säherde saýran bilbil,**
**Boz ýerde biten sünbül.**
**Gurban bolsam özüňe,**
**Saz-söhbetli sözüňe,**

**Seni allalar edeýin**
**Huwwa balam, huw-huw!**

* * *

**Gunçalar açdy bahar,**
**Çeşmeler akdy şar-şar,Ertir ýene ýüzüňe**
**Güneş şöhlesin saçar.**

* * *

**Gurban men gül agzyňa,**
**Pissäni sal agzyňa,**
**Bazardan pisse gelýänçä,**
**Döneýin bal agzyňa.**

* * *

**Gurbanyň goýun bolsun,**
**Wekiliň daýyň bolsun,**
**Akar suwuň boýunda**
**Şowhunly toýuň bolsun.**

* * *

**Gurban aýly bolanym,**
**Mele taýly bolanym,**
**Pamykly depäň üstünde**
**Öýleri toýly bolanym.**

* * *

**Guşbegiden suw aksa,**
**Doldurarlar howuzy.**
**Aýdy gurban gelende,**
**Gyzym çalar gopuzy.**

* * *

**Guşlar tutdum serçeden,**
**Geýdim ýüpek parçadan,**
**Ballyma bir öý tutsak,**
**Jünewitden[81], arçadan!**

* * *

**Guşagym-a guşagym,**
**Ýüpekdendir guşagym,**
**Mekdep wagtyň bolupdyr**
**Al bukjaňy köşegim!**

* * *

**Gül ballymy ýatyrdym,**
**Agzyn bala batyrdym,**

[81] **Jünewit – agajyň görnüşi.**

**«Ukysyny alsyn» diýip,**
**Şöwür çekip otyrdym.**[82]

* * *

**Gülgün geýgin, köşegim,**
**Ballar iýgin köşegim,**
**Ejeň ýadap gelende**
**«Arma» diýgin, köşegim.**

* * *

**Gülgünedir köýnegi,**
**Gardan akdyr bilegi,**
**Ala zerbap ýelekli,**
**Läläm meniň gerekli.**

* * *

**Gülküsi gün ýaşyran,**
**Ukusy daň atyran,**
**Aýjerenim bal guzy,**
**Allalaýyn men seni.**

* * *

**Güller başyňa gurban,**
**Galam gaşyňa gurban,Ýeke saňa diýmäýin**
**Deňi-duşuňa gurban.**

* * *

**Güller başyňa gurban,**
**Akyl huşuňa gurban,**
**Hünji dişiňe gurban,**
**Galam gaşyňa gurban,**
**Obadaşyňa gurban.**

* * *

**Gülleriň gül lälesi,**
**Gyrmyzynyň dänesi,**
**Öýne barsaň näme biýr**
**Gyzymyň gaýyn enesi.**

* * *

**Güller ýaly görenim,**
**Gulap suwun berenim,**
**Gülälek eziz balam,**
**Sensiň meniň jerenim!**[83]

---

[82] **Bu bendiň: Gül ballymy ýatyrdym,**
**Agzyn bala batyrdym,**
**«Ukusyny alsyn» diýip,**
**Bagyn çekip oturdym – diýen nusgasy-da bar.**

[83] **Bu bendiň: Güller ýaly görenim,**
**Gülap suwun berenim,**
**Eziz balam Gözel jan,**
**Sensiň meniň geregim – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Gülüm-gülüm Güljeren,**
**Gülleriň ysy gelen,**
**Bägül dakar döşüne,**
**Guwanaýyn ýaşyna.**

* * *

**Gülüm-gülüm, gül ýagşy,**
**Gyzyl çuwalyň nagşy,**
**Gülüme gelen kejebe**
**Alyp gitmäge ýagşy.**

* * *

**Gülüm-gülüm, gül öwser,**
**Gülende daglar böwser,**
**Gül öwsenim gül balam,**
**Dag böwsenim bal balam!**

* * *

**Gülüm, gülüm, Gülüstan,**
**Gülüm bag bilen bostan,**
**Meniň gülüm gül bolsun,**
**Bagynda bilbil bolsun.**

* * *

**Gülüm-gülüm garapdyr,**
**Gülüm saçyn darapdyr,**
**Ýuwup-darap seretse,**
**Gülümiň saçy uzapdyr.**

* * *

**Gün bireýýäm ýaşypdyr,**
**Gara dagdan aşypdyr,**
**Aýjahanmyň ýüzüne**
**Aý ýagtysy düşüpdir.**

* * *

**Güpür-güpür at gelýär,**
**Çykyň gyzlar kim gelýär.**
**Gyrmyz donun galgadyp,**
**Meniň ballym jan gelýär.**

* * *

**Güpür, güpür at çapyň,**
**Toý tutuň, owlak gapyň[84].**
**Balam ozan atyna**
**Ýüpekden serpaý ýapyň!**

---

**[84] Owlak gapdy – milli oýun. Iki garşydaş taraplar at çapyşyp ýaryşýarlar, şol at çapyşykda ýaryşýan taraplaryň biriniň elinde bişirilen owlak bolup, biri-birine oklaýarlar. Şol ýaryşda owlak ahyrda haýsy tarapyň elinde galsa, şol tarap ýeňiji bolýar, owlagy agzybirlik bilen üýşüşip iýýärler.**

* * *

**Gyz bolansoň gysyndyk,**
**«Ogul bor» diýp, ymsyndyk,**
**Gyzyň ady Ýaňyldyk,**
**«Gyz boldy» diýp, nägildik.**

* * *

**Gyzyl güle gül diýsem,**
**Bägül güle ogşamaz[85],**
**Hemme gyza gyz diýsem,**
**Öz gülüme ogşamaz.**

* * *

**Gyzyl gül öýüm-öýüm,**
**Güle barabar boýuň,**
**Bu ýyl berebilmesem,**
**Geljek ýyl birin toýuň.**

* * *

**Gyzyl gül öýüm-öýüm,**
**Güle barabar boýuň,**
**Eziz balam Aýjemal,**
**Bolsun ullakan toýuň.**

* * *

**Gyzyl gül hana-hana,**
**Hanasy doly däne,**
**Ysgasaň tapylar gül**
**Tapylmaz ata-ene.[86]**

* * *

**Gyzyl gülden harmanym,**
**Sen derdime dermanym,**
**Alla dilegim berse,**
**Eziz balam Permanym.**

* * *

**Gyzyl gülüm harmanym,**
**Sen bolsaň, ýok armanym,**
**Meniň balam Muhammet,**
**Alla seniň dermanyň.**

* * *

**Gyzylalma ilinde,**
**Beg daýysy bar munuň.**
**Uly iliň dilinde**
**Gül daýzasy bar munuň.**

---

**[85] Ogşamak – meňzemek.**
**[86] Bu bendiň: Gyzyl gül hana-hana,**
**Hanasy doly däne,**
**Zähmet çekip, der dökseň,**
**Guwanar ata-ene – diýen nusgasy-da bar.**

* * *

**Gyzym gyzlaryň hany,**
**Gyzym tiker tahýany,**
**Gyzyma at dakanyň,**
**Tarka çykaýsyn jany.**

* * *

**Gyzym-gyzym gyzmydyr,**
**Geýen dony bi:zmidir,**
**Bi:z diýmäň agalary**
**Gülgüne gyrmyzydyr.**

* * *

**Gyzym-gyzym gyz kişi,**
**Gyzym bagyň iýmişi,**
**Gyzym bagda oýnasa,**
**Gül içinde ýaýnasa.**

* * *

**Gyzym-gyzym gyz tana[87],**
**Gyzyma geler ýüz tana,**
**Ýüz tanasy gurasyn,**
**Her söýenim bir tana.**

* * *

**Gyzym-gyzym, gyz maýa,**
**Gyzyma geler ýüz maýa,**
**Ýüz maýasy gurasyn,**
**Her söýenim ýüz maýa.**

* * *

**Gyzym-gyzym, gyzasyn,**
**Gyzym saçyň uzasyn,**
**Hem ýuwsun, hem darasyn,**
**Şonuň üçin uzasyn.[88]**

* * *

**Gyzym-gyzym gyz ýaly,**
**Gyzym gyzyl gül ýaly,**
**Meň gyzymy söýmedik,**
**Bolar lal hem güň ýaly.**

* * *

**Gyzym-gyzym gyrmyşa,**
**Gyzym çyksyn durmuşa,**

---

[87] **Tana – göle.**
[88] **Bu bendiň:**
**Gyzym-gyzym gyzamat,**
**Gyzym saçyň uzamat,**
**Ýuwmasa, daramasa,**
**Şonda bolar melamat — diýen nusgasy-da bar.**

**Söýmedigne çatjak däl**
**Halap çyksyn durmuşa.**

* * *

**Gyzym haly dokasyn,**
**Ulalansoň okasyn,**
**Köýnek tiksin ejesine,**
**Bejeripjik ýakasyn.**

* * *

**Gylyjy kesgir bolar,**
**Tüpeňi atgyr bolar,**
**Meýlis bolan ýerinde**
**Sözleri ötgür bolar.**

* * *

**Gyrat münüp uçanym,**
**Ganym görse göçenim,**
**«Watan» diýip, «il» diýip,**
**Hakdan kasam içenim.**

* * *

**Gyrmyz donuň her ýan, her ýan,**
**Balam, seni eý görýän,**
**Daş ýere awa gitme,**
**Boldum-la, bagry bürýan[89].**

* * *

**Gyrmyzy geýip derläýin,**
**Daraýy[90] geýip parlaýyn,**
**Jigim janyň toýunda,**
**Ýadamaýyn, oýnaýyn.**

* * *

**Gyrmyl-gyrmyl ýörişli,**
**Ýany gara gylyçly,**
**Gylyçlary gylawly,**
**Naýzalary alawly.**

* * *

**Gyş güni lälezarly,**
**Elmydam alma-narly,**
**Eziz balam Kerim jan,**
**Gujagyň söwer ýarly.**

– H –

**Haý künjeg-ä, haý künjek,**
**Münen aty taý künjek,**

[89] **Bürýan – kebap.**
[90] **Daraýy – matanyň bir görnüşi.**

**Basym ýeter ýaşyna,**
**Esger ýygnar daşyna.**

* * *

**Heleşer-ä, heleşer,**
**Hepbik[91] gursa, guş düşer,**
**Daş ýoldan daýysy gelse,**
**Içi etli tüwi bişer.**

* * *

**Howada gazlar gezer,**
**Suwda sonalar ýüzer,**
**Meniň balam mergendir,**
**Okun-ýaýyn gurgandyr.**

* * *

**Howadan uçan guşlar,**
**Oba gezen derwüşler,**
**Uzak ýaş diläň balama,**
**Alla kabul eýleýär,**
**Siz kylsaňyz nalyşlar.**

* * *

**Horasanyň ak uny,**
**Köýmet gelsin gyzyma,**
**Eýranyň sary kişmişi,**
**Toýluk gelsin gyzyma.**

* * *

**Huwwa balam, ýat balam,**
**Gyzyl güle bat balam,**
**Eziz Watan goýnunda**
**Ös, hemişe şat balam!**

* * *

**Huwwa-huwwa, huw seni,**
**Arassa saklar suw seni,**
**Suw içiniň balygy,**
**Öz öýlerniň läligi.**

* * *

**Huwwa-huwwa huwuna,**
**Uky gelsin gözüne,**
**Munuň esger daýysy**
**Aman gelsin öýüne.**

* * *

**Huwwa, huwwa köşegim,**
**Huwwalapjyk ýatyryn.**
**Ejeň işden gelýänçä,**
**Özüm üwräp otyryn.**

---

**91 Hepbik – guş tutmak üçin agaçdan ýasalan emeli duzak.**

* * *

**Huwwalaýyn, ak bäbek,**
**Arzuwlary päk bäbek,**
**Eneň suwa gidende**
**Tä gelýänçä ýat bäbek.**

* * *

**Huwwalaýyn, ak bäbek,**
**Arzuwlary päk bäbek,**
**Ataň awa gidendir,**
**Eneň suwa gidendir,**
**Tä gelýänçä ýat bäbek.**

* * *

**Huwwalasam wagtydyr,**
**Öýüň soltan tagtydyr,**
**Çyk üçege, bak ýola,**
**Daýyň geljek wagtydyr.**

* * *

**«Hüw» diýdim, düşdüm ýola,**
**Bakmanam sagdan sola,**
**Balam aglap oýansa,**
**Derrew almaly ele.**

* * *

**«Hüwdi» diýsem özüne,**
**Uky geler gözüne,**
**Ukudan oýananda**
**Gulak goýuň sözüne.**

* * *

**«Hüwdi» diýseň bilbile,**
**Bilbiller aşyk güle,**
**Säher bilen turaly,**
**Gideli daýyň bile.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi, huw ballym,**
**El-ýüzüňi ýuw ballym,**
**Ýuwunyp akja bolsaň,**
**Bolarsyň ak guw ballym.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,**
**Guşlar gaýada gyşlar,**
**Gaýa başyn gaý alsa,**
**Gaýga galar enesi.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,**
**Derýa boýunda gyşlar,**
**Gudraty güýçli Allahym**
**Seni bize bagyşlar.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,**
**Guşlar nirede gyşlar,**
**Hasar dagyn daş görse**
**Gürgen ýurdunda gyşlar.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi huw seni,**
**Arassa saklar suw seni,**
**Haýsy bagyň güli seni**
**Gül ýapragyň sowsany[92].**

* * *

**Hüwdi-hüwdi, huw hezil,**
**Daglara düşen menzil,**
**Ýuka köýnek çym-gyzyl,**
**Derde dermandyr balam.**

* * *

**Hüwdi, hüwdi, huw balam,**
**El-ýüzüňi ýuw, balam,**
**Ýuwnup akja bolsaň,**
**Bolarsyň ak guw balam.**

* * *

**Hüwdi, hüwdi, hüw oglan,**
**Turup harman döw oglan,**
**Ejeň aryp gelende**
**«Arma» diýgin, gül oglan.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi hüwlendi,**
**Suwda balyk köwlendi,**
**Hekim Ata Süleýman**
**Göz ýaşyndan terbendi.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi hüwlener,**
**Suwda balyk köwlener,**
**Ulalyp, esger bolsa**
**Goşunda tertiplener.**

---

[92] **Sowsany – matanyň bir görnüşi.**

* * *

**Hüwdi-hüwdi hüwlärin,**
**Dagdan arça köwlärin,**
**Arçanyň pudagyndan**
**Bezäp biýrin ballyma.**

* * *

**Hüwdiniň bagynda bol,**
**Aýlanyp sagynda bol,**
**Gyş günleriň ýaz bolar**
**Ýaryň gujagynda bol.**

– I –

**Iýmitiň guýruk bolsun,**
**Alladan buýruk bolsun,**
**Daş ýerlerden geleňde**
**Eziz agalaň gelsin.**

* * *

**Ilerden gelýär goç guzy,**
**Biri biziň goç guzy,**
**Meniň balam Döwlet jan,**
**Geýen dony gyrmyzy.**

* * *

**Ilki gözümiň göreni,**
**Juwan dilimiň söýeni,**
**Şaý-sep dakynan gyzym,**
**Seni allalar edeýin.**

* * *

**Inisi bar, agasy,**
**Geňeş etsin barysy,**
**Hemmeler bilsin şony,**
**Şermendedir ýeňňesi.**

* * *

**Ir dogupdyr güneşi,**
**Elinde toty guşy,**
**Meniň jigim awdadyr**
**Ýagar ýazyň ýagyşy.**

* * *

**Işe barar bat bilen,**
**Abraý alar at bilen,**
**Bol hasyly gazanyp,**
**Tanalar şöhrat bilen.**

– J –

**Jandan gymmat görenim,**

**Ak süýdümi berenim,**
**«Ulalsyn» diýip saňa**
**Ýüregimi berenim.**

* * *

**Janym gözüň şar gara,**
**Saçlary buýra-buýra,**
**Gunduzy gulpagynda,**
**Çakmagy telpeginde.**

* * *

**«Janym gözüm» diýeýin,**
**Janym girew goýaýyn,**
**Gara gözümiň röwşeni**
**Käkil goýup söýeýin.**

* * *

**Janym-janym jan ýaly,**
**Altyn-kümüş jam ýaly,**
**Suwsap gumdan gelende**
**Paşyrdap duran çal ýaly.**

* * *

**Janym janyňa bende,**
**Şeker goşaýyn ganda,**
**Meniň eziz balam-a**
**Şermende gylygyň gende.**

* * *

**Janym Hywa kişmişi,**
**Geýen dony mämişi,**
**Dişi Buhar kümüşi,**
**Bili Gürgen gamyşy.**

* * *

**Jigim adyň Gülkamar,**
**Ýüz-gözünden nur damar,**
**Ukusyndan oýanyp,**
**Akja mämeden emer.**

* * *

**Jigim atyň ýaş bolsun,**
**Münen atyň guş bolsun,**
**Her ýaryma[93] gideňde**
**Baýragyň kümüş bolsun.**

* * *

**Jigim baga barandyr,**
**Bagda jeren görendir,**
**Esger agaň elmydam**

[93] **Ýarym — bu ýerde at çapyşygynyň bir görnüşi.**

**Seni ýatlap ýörendir.**

* * *

**Jigim gelýär köçeden,**
**Uzyn boýy inçeden,**
**Jigime bir don biçiň,**
**Ýaşyl-gyzyl parçadan.**

* * *

**Jigim geler illerden,**
**Börügi doly güllerden,**
**Jigime don tikeýin,**
**Daraýydan, güllerden.**

* * *

**Jigim gözüm nurudyr,**
**Dişi Ýemen dürüdir,**
**Şu obada owadan**
**Jigileriň biridir.**

* * *

**Jigim gülleriň güli,**
**Öz öýlerniň bilbili,**
**Jigim suwa gidende**
**Agyrmasyn gollary.**

* * *

**Jigim gyzyl gül eker,**
**Suwarar-da, çil çeker,Ýetişdiren gülüni**
**Baýramda alyp çykar.**

* * *

**Jigim dürüň dänesi,**
**Aş ýaýamda honasy,**
**Jigim bilen oýnaşsyn,**
**Mele sygryň tanasy.**

* * *

**Jigim jan-a aý ýaly,**
**Aýa-güne taý ýaly,**
**Bezenip seýle çyksa,**
**Hemme gyza taý ýaly.**

* * *

**Jigim jan-a araýy,**
**Asmanda dogar aýy,**
**Sap altyndan enaýy**
**Sadranç[94] oýnar elleri.**

---

[94] **Sadranç – küşt.**

* * *

**Jigim janyň ýalkymy,**
**Derýalaryň tolkuny,**
**Gyzyl gülüň dessesi,**
**Sary ýagyň mesgesi,**
**Meň jigimi söýmedikÝedi ýylyň hassasy.**

* * *

**Jigim okuw ýaşynda,**
**Şaýly tahýa başynda,**
**Gündiz bagda oýnasa,**
**Kitap okar düýşünde.**

* * *

**Jigimiň ak gollary,**
**Aý-aýdyňdyr ýollary,**
**Jigim zähmet çekende**
**Haýran galdyr illeri.**

* * *

**Jigimiň zor gollary,**
**Agyrmasyn billeri,**
**Traktorly keş çekip,**
**Rul tutar elleri.**

* * *

**Jöwen ekdim bişmedi,**
**Ortasyna suw düşmedi,**
**Jigim, ejeň nirede?**
**Bu gün gözüm düşmedi.**

* * *

**Jöwen ekdim uşajyk,**
**Bogunlary gowşajyk,**
**Meniň eziz balam-a**
**Gyzyl gülden ýumşajyk.**

* * *

**Jübüsinde hünjüler,**
**Gyzlar görse ynjalar,**
**Gyzlar oýna çykanda**
**Gulpagyndan penjelär.**

– K –

**Kakaň gitsin Tejene,**
**Kak getirsin ejeňe,**
**Uzak ýaşyň görmeklik**
**Nesip etsin ejeňe.**

* * *

**Kakasynyň hanydyr,**
**Ejesiniň janydyr,**

**Uly iliň soltanydyr,**
**Gerekli balam huwwa-huw!**

* * *

**Kel köwser-ä, kel köwser,**
**Beýik dagdan ýel öwser,**
**Jahyllaryň içinde,**
**Meniň dünýäm gül öwser.**

* * *

**Kiçi çarbag içinde**
**At oýnadyp gelipdir.Ýedi ýeňňe iberip,**
**Gyz saýladyp gelipdir.**

* * *

**Kiçijik at kişňäp gelýär,**
**Uýanyn dişläp gelýär,**
**Eziz balam Muhammet,**
**Toý başyn başlap gelýär.**

* * *

**Kiçijik gülüm bäbek,**
**Saýraýan dilim bäbek,**
**Sen bolmasaň ezizim,**
**Saýramaz dilim bäbek.**

* * *

**Köňlüň seniň çag bolsun,**
**Seýl etjegiň bag bolsun,**
**Bagyňa seýle girseň,**
**Ýaradanyň ýar bolsun.**

* * *

**Köp ýaş bersin Allasy,**
**Dilegde bol mollasy,**
**Aryp çilde ýatanda**
**Agyrmasyn kellesi.**

* * *

**Kümüş sarmak elinde,**
**Tirme guşak bilinde,**
**Meniň balam ak Maýa**
**Uly iliň dilinde.**

– L –

**Läläm adyň Gyrmyzy,**
**Saçyň derýa gunduzy,**
**Aý ýanynyň ýyldyzy,**
**Gelin ýanynyň baldyzy.**

– M –

**Medeniýetiň nury sen,**
**Bagtly çagaň biri sen,**
**Garaşsyz ýurdumyzda**
**Solmaz gülüň biri sen.**[95]

* * *

**Men döneýin boýuňa,**
**Ak bişikli öýüňe,**
**Ol oba sawçy gitsin,**
**Sawçymyz atly gitsin.**

* * *

**Men öňünden baraýyn,**
**Şuň toýuny göreýin,**
**Gapy tutan myhmana,**
**Torum pulun bereýin.**

* * *

**Meniň balam ak maýsa,**
**Öňüne güller ýaýsa,**
**Ogul jigisi bolanda**
**Süzülip çelpek ýaýsa.**

* * *

**Meniň balam Amaşa,**
**Atyny baglar daşa,**
**Özi gidip söweşe,**
**Ejesin goýar teşwişe.**

* * *

**Meniň balam atlansyn,**
**Atlary ganatlansyn,**
**Güller ýüzi solmasyn**
**Howasy bulutlansyn.**

* * *

**Meniň balam bal başdan,**
**Aýlansam altyn başdan,**
**Gazan doly ak aşdan,**
**Nahar bersem ballyma.**

* * *

**Meniň balam balaja,**
**Atyny baglar palaja**[96]**,**
**Köçelerde gyz görse,**
**Oýnar ýörer bileje.**

---

**[95] Bu bendiň: Medeniýetiň nury sen,**
**Bagtly çagaň biri sen,**
**Asly halal halkymyň**
**Sarsmaz ýürek şiri sen – diýen nusgasy-da bar.**

**[96] Palaç – jöwen, mekgejöwen ýaly ösümlikleriň baldagy (ösümligiň şaha ýaýradýan esasy bölegi).**

* * *

**Meniň balam Balkandyr,**
**Köňli yşka galkandyr,**
**Alma bilen gyz ursa,**
**Alla şony ýalkandyr.**

* * *

**Meniň balam bar bolgaý,**
**Goýny doly nar bolgaý,**
**Ýykylanda goldasyn**
**Pirler medetkär bolgaý.**

* * *

**Meniň balam bir güldür,**
**Ýakasy doly puldur,**
**Atasy Allanyň guly**
**Ejesi gyzyl güldür.**

* * *

**Meniň balam guş urdy,**
**Ejesi ony bişirdi,**
**Goňşusyna dadyrdy,**
**Kaka paýyn ýygşyrdy.**

* * *

**Meniň balam dagdadyr,**
**Köňül hoşy bagdadyr,**
**Bagdan alma, nar gelse.**
**Deň-duş iýen çagdadyr.**

* * *

**Meniň balam datlydyr[97],**
**Sallançagy batlydyr,**
**Duly perizatlydyr,**
**Gapysy bedew atlydyr.**

* * *

**Meniň balam Jennetdir,**
**Saçak doly nygmatdyr,**
**Beýik Serdar saýasynda**
**Gözel ilim jennetdir.**

* * *

**Meniň balam Melewşe,**
**Agramyn çeksek kümüşe,**
**Ejeň söýsün, sen ýaşa,**
**Seni allalar edeýin.**

* * *

**Meniň balam ner kibi,**
**Käkilleri zer kibi,**

---

[97] **Datly – bu ýerde süýji manysynda.**

**Sözleri ýumry-ýumşak,**
**Mylaýymdyr per kibi.**

* * *

**Meniň balam oýnasyn,**
**Giň derýany boýlasyn,**
**Ak aýakda ak jorap**
**Öz öýünde ýaýnasyn.**

* * *

**Meniň balam oýnasyn,**
**Il içinde ýaýnasyn,**
**Güýmämäň deň-duşlary,**
**Täzelikler diňlesin.**

* * *

**Meniň balam öýdedir,**
**Deň-duşlary toýdadyr,**
**Meniň balamyň gözi**
**Al ýaňakly gyzdadyr.**

* * *

**Meniň balam ölmesin,**
**Eken güli solmasyn,**
**Bu bagtly Diýara**
**Duşman nazar salmasyn.**

* * *

**Meniň balam üşäpdir,**
**Dagdan alma daşapdyr,**
**Almasyn aldyrypdyr,**
**Gulpagyn ýoldurypdyr.**

* * *

**Meniň balam haýbatly,**
**Münen düýesi sowgatly,**
**Sözlän sözi gymmatly**
**Gerekli balam, huwwa-huw!**

* * *

**Meniň balam ýaýnasyn,Elinde gyran[98] oýnasyn,**
**Üç ýaşyna baranda**
**«Däde» diýip saýrasyn.**

* * *

**Meniň balam ýatypdyr,**
**Gyzyl güle batypdyr,**
**Oýatmaň siz balamy,**
**Ýaňja uka gidipdir.**

---

[98] **Gyran – pul birligi.**

* * *

**Meniň balam ýaşynda,**
**Ýaşyl, gyzyl başynda,**
**Agalary öý tutsa,**
**Oýnar läläm daşynda.**

* * *

**Meniň ballym aý eken,**
**Dakynjagy şaý eken,**
**Ballym janyň ejesi**
**Bu gün başagaý eken.**

* * *

**Meniň ballym aýlanar,**
**Il içinde saýlanar,**
**Gamyşgulak Gyraty**
**Işiginde towlanar.**

* * *

**Meniň ballym akylly,**
**Şirin dili nakylly,**
**Ýorga münse sekilli[99],**
**Alan gyzy şekilli.**

* * *

**Meniň ballym at getir,**
**Atlary haýbat getir,**
**Daýzalarna sowgatlyk**
**Şetdaly gül çit getir.**

* * *

**Meniň ballym at getir,**
**At üstünde bek otyr,Ýerden asmana uçup**
**Aýyň suratyn getir.**

* * *

**Meniň ballym bir goçak,**
**Bilinde jöwher pyçak,**
**Çyn[100] käseden çaý içse,**
**Derlär öl burçak-burçak.[101]**

* * *

**Meniň ballym bir dana,**
**Teňňe seçer her ýana,**

---

[99] **Sekil – käbir atyň, owlagyň, geçiniň aýaklarynyň dyzyndan aşagyndaky ak ýeri.**
[100] **Çyn – Hytaý.**
[101] **Bu bendiň: Meniň ballym gop-goçak,**
**Bilinde ötgür pyçak,**
**Atyzlarda işlände**
**Der alar burçak-burçak.**

**Meň jigim bir goçak,**
**Bilinde jöwher pyçak,**
**Owadan gyzy görende,**
**Derleri burçak-burçak – diýen nusgalary-da bar.**

**Gyrat münse merdana,**
**Gelin-gyzlar perwana.**

* * *

**Meniň ballym bir ýagşy,**
**Gyzyl çuwalyň nagşy,**
**Gaýrada ýowşan başy,**
**Ilerde ýüzük gaşy.**

* * *

**Meniň ballym bir ýagşy,**
**Haly-palasyň nagşy,**
**Otursa oglan başy,**
**Tursa, gyzlar ýoldaşy.**

* * *

**Meniň ballym bäş bolsun,**
**Köpelip on bäş bolsun,**
**Daş ýerlere gidende**
**Erenler ýoldaş bolsun.**

* * *

**Meniň ballym garaja,**
**Babasyna baraja,**
**Tokly berse almasa,**
**Serpaý berse dereje.**[102]

* * *

**Meniň ballym gerekli,**
**Üsti tylla ýelekli,**
**Giç gitse, gije geler**
**Şahymerdan**[103] **ýürekli.**

* * *

**Meniň ballym geriner,**
**Gözüne gyzlar görüner,**
**Ballyma kast edenler**
**Oda-köze urunar.**

* * *

**Meniň ballym gözeldir,**
**Gyza garasa güldür,**
**Kejebesin bek daňyň**
**Gelin gelse hezildir.**

* * *

**Meniň ballym datlydyr,**

---

[102] **Bu bendiň: Meniň ballym garaja,**
**Mamalaryna baraja,**
**Ogşuk torum az bolsa,**
**Düýe berse dereje – diýen nusgasy-da bar.**

[103] **Şahymerdan – çaryýarlaryň biriniň ady (Hezreti Aly).**

**Sallançagy batlydyr,**
**Eziz gören balamyň**
**Goşary sagatlydyr.**

* * *

**Meniň ballym dek otyr,**
**At üstünde bek otyr,**
**Atasy atyn bermese,**
**Alabilmez dek otyr.**

* * *

**Meniň ballym melewşe,**
**Agramyn çekeris kümüşe,**
**Garrylar söýsün, sen ýaşa,**
**Seni allalar edeýin.**

* * *

**Meniň ballym meleje,**
**Ýortar, oýnar bileje,**
**Oglumyň söwer ýary**
**Ýylgyrypdyr çalaja.**

* * *

**Meniň ballym owadan,**
**Suw dökülmez gowadan[104],**
**Meň ballymy söýmedik**
**Çykyp gitsin obadan.[105]**

* * *

**Meniň ballym oturar,**
**Elini bala batyrar,**
**Daýzasynyň gyzyny**
**Gelinlige getirer.**

* * *

**Meniň ballym otursyn,**
**Rysgyny Hudaý ýetirsin,**
**Rysgalyndan toýlar gurap,**
**Il-gününe ýetirsin.**

* * *

**Meniň ballym öwmeli,**
**Öňýakasy düwmeli,Ýeňseden gulpak goýup,Erkeledip söýmeli.**

* * *

**Meniň ballym öýlener,**
**Il içinde saýlanar,**

---

[104] **Gowa – deriden tikilen suw gaby.**
[105] **Bu bendiň: Meniň jigim owadan,**
**Suw çekerler gowadan,**
**Aýna bilen başdarak**
**Sowgat geler Hywadan – diýen nusgasy-da bar.**

**Bedew aty Meleguş**
**Işiginde towlanar.**

* * *

**Meniň ballym pişekär[106],**
**Sözi jana tenekär[107],**
**Her ýerlere gidende**
**Begler muňa hyzmatkär.**

* * *

**Meniň ballym sazanda,**
**Gyrmyzy[108] gaýnar gazanda,**
**Gyrmyz donun gyzardyp,**
**Gezer bazar gazanda.**

* * *

**Meniň ballym sazanda,**
**Bal gaýnadar gazanda,**
**Gül aýagy ýöresin,**
**Bilbil dili saýrasyn.**

* * *

**Meniň ballym seretsin,**
**Dagyň gary eresin,**
**Ulalyp adam bolup,**
**Gyz-geline garasyn.**

* * *

**Meniň ballym taý bakar,**
**Taýlaryna şaý dakar,**
**Depä çykyp saz çalsa,**
**Gyzlaryň için ýakar.**

* * *

**Meniň ballym şalykdan,**
**Ballym akdyr balykdan,**
**Boýdaşlary ynjytmasyn,**
**Diläp aldym Halykdan.**

* * *

**Meniň ballym şoh ýigit,**
**Eker bagynda çigit,**
**Atlanyp awa gitse,**
**Yzynda segsen ýigit.**

* * *

**Meniň ballym çyn-çyny,**
**Jübüsinde dalçyny,**
**Giç gidip, gije gelse**

**[106] Pişekär – işeňňir**
**[107] Tenekär — derman.**
**[108] Gyrmyzy – bu ýerde boýag manysynda.**

**Ýigitleriň laçyny.**

* * *

**Meniň ballym han bolsun,**
**Ýüklän ýüki hoz bolsun,**
**Aryp-ýadap gelende**
**Oýnaşany gyz bolsun.**

* * *

**Meniň ballym han ýaly,**
**Işeňňir daýhan ýaly,**
**Serdary wasp edende**
**Ylhamy joşýan ýaly.**

* * *

**Meniň ballym has ýigit,**
**Eker bagynda çigit,**
**Atlanyp awa gider,**
**Ýanynda segsen ýigit,**
**Segsen ýigdiň seresi,**
**Ählisiniň töresi.**

* * *

**Meniň ballym ýaz oýnar,**
**Ýaz oýnamaz, güýz oýnar,**
**Şu ballymyň toýunda**
**Otagaly gyz oýnar.**

* * *

**Meniň ballym ýatmasyn,**
**Biwagt uka gitmesin,**
**Ballymy ýeke taşlap,**
**Dosty ýoldan ötmesin.**

* * *

**Meniň ballym ýatypdyr,**
**Gül ýassyga batypdyr,**
**Şowhun etmäň deň-duşy**
**Eýýäm daňlar atypdyr.**

* * *

**Meniň ballym ýaşasyn,**
**Dagdan armyt daşasyn,**
**Doganlara gelende**
**Ýüpek körpe düşesin.**

* * *

**Meniň ballym ýaş bolsun,**
**Uran awy guş bolsun,**
**Işlemäge gidende**
**Erenler ýoldaş bolsun.**

* * *

**Meniň ballym ýaşynda,**
**Aýly börük[109] başynda,**
**Gümmürdedip ak öý diker**
**Agasy öýnüň duşunda.**

* * *

**Meniň ballym enaýy,**
**Serpikleri daraýy,**
**Suw küýzesi kümüşden,**
**Gazanlary bürünçden.**

* * *

**Meniň guzym ala göz,**
**Çynar boýly, şirin söz,**
**Alan ýaryň ölmesin,**
**Ömürboýy bile gez.**

* * *

**Meniň gülüm aý ýaly,**
**Aýda dokar bir haly,**
**Halysynyň gyragy,**
**Ýüz ellidir daragy.**

* * *

**Meniň gülüm owadan,**
**Suw dökülmez gowadan,**
**Kjebesi gökde oýnar,**
**Kölegesi ýerde oýnar,**
**Gökde goýsam ys bolar,Ýerde goýsam pos bolar,**

* * *

**Meniň gülüm el haly,**
**Aýda dokar bir haly,**
**Halysynyň öýdümi,**
**Ýüregiň aýdymy.**

* * *

**Meniň gyzym aý ýaly,**
**Kirşi çekilen ýaý ýaly,**
**Agzyndan bir söz alsaň,**
**Gant ezilen çaý ýaly.**

* * *

**Meniň gyzym sarydyr,**
**Sary ýagdan durudyr,**
**Deň-duşunyň içinde**
**Iň çeperler biridir.**

---

**109 Aýly börük – aý keşdeli tahýa.**

* * *

**Meniň janym kiçgine,**
**Bagda badam üçgine,**
**Bagda gülüm solmasyn,**
**Eziz balam ölmesin.**

* * *

**Meniň janym huwlanar,**
**Arykda suw köwlener,**
**Balamyň gara saçy**
**Inçe bilde towlanar.**

* * *

**Meniň jigim Abadan,**
**Hemme gyzdan owadan,**
**Hünji ýaly dişleri,**
**Çyzylyp dur gaşlary.**

* * *

**Meniň jigim adyly[110],**
**Ak gollary kädili,**
**Daýysy arslan ýürekli,**
**Daýzasy juwan gerekli.**

* * *

**Meniň jigim aý ýaly,**
**Aýa-güne taý ýaly,**
**Guzy böwregi ýaly,**
**Jeren owlagy ýaly.**

* * *

**Meniň jigim aýdyrar,**
**Halysyny ýaýdyrar,**
**Gidene halat geýdirer,**
**Gelene söwüş soýdurar.**

* * *

**Meniň jigim aýlardan,**
**Synçy gelsin baýlardan,**
**Baýlar gyzyn bermese,**
**Almarys gedaýlardan.**

* * *

**Meniň jigim Allaly,**
**Kiseleri tyllaly,**
**Münen atyn belläli,**
**Geýen donun elläli.**

* * *

**Meniň jigim apakly,**

---

**[110] Adyly – bu ýerde atly-abraýly manysynda.**

**Aýagy gaýyş çepekli,**
**Yzy atly, köpekli,Elleri goýun taýakly.**

* * *

**Meniň jigim at bakar,**
**Atlary toýnak kakar,**
**Gelnejemiz geläýse**
**Meň jigim läle kakar.**

* * *

**Meniň jigim at getir,**
**At üstünde bek otyr,**
**Atlanyp awa gitse**
**Keýik-gulan köp getir.**

* * *

**Meniň jigim atlansa,**
**Atyna ganat beklense,**
**Aýlyk ýoldan gelende**
**Ýüregmiz kuwwatlansa.**

* * *

**Meniň jigim atlansyn,**
**Atyna ganat beklensin,**
**Atynyň haýbatyndan**
**Galalar kilitlensin.**

* * *

**Meniň jigim atlansyn,**
**Atyna ganat beklensin,**
**Öýüne dolananda,**
**Syrtyna gyz beklensin.**

* * *

**Meniň jigim atlydyr,**
**Kiseleri hatlydyr,**
**Gyzlara gülüp bakar,**
**Diýseň mylakatlydyr.**

* * *

**Meniň jigim atlyja,**
**Jübüleri hatlyja,**
**Gyza bakar, gamza kakar**
**Şeýle keramatlyja.**

* * *

**Meniň jigim bal ýaly,**
**Saýraýar bilbil ýaly,**
**Okuw bilen başagaý**
**Bir eýjejik gül ýaly.**

* * *

**Meniň jigim Balkandyr,**
**Telpejigin silkendir,**
**Çöllerde goýun baksa,**
**Aýagynda ýelkendir.**

* * *

**Meniň jigim baş bolsun,**
**Münen aty ýaş bolsun,**
**At torbasy manatdan,**
**Atynyň iými nabatdan.**

* * *

**Meniň jigim bir güldür,**
**Bagda saýran bilbildir,**
**Ýigitlige ýetende**
**Mertligin ile bildir**

* * *

**Meniň jigim bir kişi,**
**Balkan dagynyň guşy,**
**Sakaklary[111] sap altyn,**
**Sadranç oýnar elleri.**

* * *

**Meniň jigim bir myrga,**
**Gulagynda ysyrga,**
**Bahasyndan bäş haly**
**Her agasyna bir «Wolga»**

* * *

**Meniň jigim bir hurma,**
**Gulagy doly burma,**
**Meň jigimiň bahasy**
**Segsen erkek[112], müň ýorga.**

* * *

**Meniň jigim bir ýagşy,**
**Haly-palasyň nagşy,**
**Ellerde ýüzük gaşy**
**Baglarda keýik başy.**

* * *

**Meniň jigim bökerli,**
**Gitse jülge ýokarly,**
**Elinde haly horjun**
**Iki gözi şekerli.**

* * *

**Meniň jigim bürjüdir,**

---

[111] **Sakak – kellä geýilýän telpek we beýleki zatlaryň gaçmazlygy üçin edilýän bagjyk.**
[112] **Erkek – düýäniň bir görnüşi, iş maly.**

**Bürji däldir, gürjüdir,**
**Kakasy Pereň gitse,**
**Jübüsiniň harjydyr.**

* * *

**Meniň jigim garap dur,**
**At münmäge ýarapdyr,**
**«Okap, alym bol» diýip,**
**Serdar oňa sargapdyr.**

* * *

**Meniň jigim gerekli,**
**Eli petir çörekli,**
**Atasy arslan ýürekli,**
**Enesi göwderi[113] köýnekli.**

* * *

**Meniň jigim gowjadyr,**
**Gulpaklary towjadyr,**
**Gülli tahýa geýende**
**Hemme gyzdan gowjadyr.**

* * *

**Meniň jigim gül öwser,**
**Güller bilen serbe-ser,**
**Ballar bilen bakalyň,**
**Süýtden suwa ýakalyň.**

* * *

**Meniň jigim gül ýaly,**
**Aýda dokar bir haly,**
**Halysynyň bitimi,**
**Ýüz ellidir çitimi.**

* * *

**Meniň jigim güldendir,**
**Pyýalasy dürdendir,**
**Han ogly, Serdar gyzy**
**Asly gyzyl güldendir.**

* * *

**Meniň jigim gylykly,**
**Başy öýme ýaglykly,**
**Irden mekdebe barýar**
**Gün-günden artar akly.**

* * *

**Meniň jigim Gyratly,**
**Goşarlara sagatly,**
**Bolar örän mähriban**
**Sözlän süzleri datly.**

---

[113] **Göwderi — matanyň bir görnüşi**

* * *

**Meniň jigim diýse bor,**
**«Gant-nabat» diýp söýse bor,**
**Uzak ýerden sawçy gelse,**
**Bäş müň tümen diýse bor.**

* * *

**Meniň jigim ýöresin,**
**Gulpagyny darasyn,**
**Gözi gara bendeleň**
**Oňa gözi degmesin.**

* * *

**Meniň jigim keýkeren,**
**Keýikleri kökeren,**
**Suw başynda joňkaran,**
**Aş başynda gomparan.**

* * *

**Meniň jigim kişmişi,**
**Geýen dony mämişi,**
**Eli Buhar kümüşli,**
**Bili Gürgen gaýyşly.**

* * *

**Meniň jigim kiçgine,**
**Girme bagyň içine,**
**Agzy süýt pyýalasy**
**Dili badam içine.**

* * *

**Meniň jigim mazyly,**
**Yzy goşa tazyly,**
**Oglanlary uşakly**
**Düýeleri köşekli.**

* * *

**Meniň jigim mergendir,**
**Dag başynda durgandyr,**
**Dag başynyň keýgini**
**On-on bäşden urgandyr.**

* * *

**Meniň jigim okap ýör,**
**Okadykça beкäp ýör,**
**Bäşlik bahalar alyp,**
**Synpdan synpa böküp ýör.**

* * *

**Meniň jigim Oraz han,**
**Sesi derdime derman,**

**Ysy ýarar janyma**
**Müşk-anbar zagpyran[114].**

* * *

**Meniň jigim otursyn,**
**Eline ýüzük ötürsin,**
**Akja keçäň üstünde**
**Gaýma gaýap otursyn.[115]**

* * *

**Meniň jigim otursyn,Elini bala batyrsyn,**
**Boýdaşlary gelende**
**Bagdan iýmiş getirsin.**

* * *

**Meniň jigim öwülsin,**
**Söýgülensin, söýülsin,**
**Ballyma toý edilse,Ýedi günden sowulsyn.**

* * *

**Meniň jigim ösende,Ýedä aýak basanda,**
**Günde bäşlik getirer**
**Ak mekdepde okanda.**

* * *

**Meniň jigim paýhasly,**
**Peleň sypat, şir sesli,**
**Azatlygyň arslany,**
**Beýik Serdaryň nesli.**

* * *

**Meniň jigim sarydyr,**
**Sary ýagdan durudyr,**
**Iş gutulmaz golundan**
**Çyn çeperleň biridir.**

* * *

**Meniň jigim sarydyr,**
**Sary ýagdan durudyr,**
**Özi köpüň biridir,**
**Owadan gyzyň ýarydyr.**

* * *

**Meniň jigim syratly,**
**Goşarlary sagatly,**

---

**[114] Zagpyran – gülünden reňk alynýan sary reňkli ösümlik. «Reňki zagpyran dek saralypdyr» – diýilýär.**
**[115] Bu bendiň: Meniň jigim otursyn, Eline oýmak ötürsin,**
**Gölli halyň üstünde**
**Tahýa tikip otursyn.**

**Meniň jigim otursyn,**
**Eline ýüzük ötürsin,**
**Ýüzükleri döwülse,**
**Dädesi ussa getirsin – ýaly nusgalary-da bar.**

**Irden okuwa gider**
**Gün günden artar akly.**

* * *

**Meniň jigim taraçy,**
**Saçy biline gamçy,**
**Gözleri gülgün oýnar**
**Kirpikleri araçy.**

* * *

**Meniň jigim tur, oýna,**
**Toý tutulsa, gir oýna,**
**Eşirep-ä gol göter,**
**Müň tümene bir oýna.**

* * *

**Meniň jigim turup dur,**
**Okun-ýaýyn gurup dur,**
**Päli azan ganymlaň**
**Gursagyndan urup dur.**

* * *

**Meniň jigim turupdyr,**
**Iki sülgün urupdyr,**
**Uranjasy horazdyr,**
**Uruşdyryp durupdyr.**

* * *

**Meniň jigim hallyja,**
**Köňüli hyýallyja,**
**Köňlündäki hyýalyn**
**Aýdabilmez ballyja.**

* * *

**Meniň jigim Hanaly,**
**Guşlar çöplär dänäni,**
**Saragt gyzy saýrasa,**
**Tejen gyzy haýrany.**

* * *

**Meniň jigim has ýigit,**
**Eker bagynda şibit[116],**
**Atlanyp awa gitse,**
**Yzynda segsen ýigit,**
**Segsen ýigdiň serdary,**
**Öz öýlerniň mydary.**

* * *

**Meniň jigim hossadyr,**
**Hossa däldir, ussadyr,**
**Meň jigimi görende**

**[116] Şibit – işdä açyjy ot (petruşka).**

**Gyz-gelinler hassadyr.**

* * *

**Meniň jigim yşansyn,**
**Turup bilin guşansyn,**
**Müň tümenlik aty bar**
**Duşman ondan üýşensin.**

* * *

**Meniň jigim eýjejik,**
**Kakasy tiker telpejik,**
**«Gyzmyka» diýip, gynandyk,**
**Hudaýa şükür, erkejik.**

* * *

**Meniň jigim enaýy,**
**Geýeni keten, daraýy,**
**Beýik Serdar saýasynda**
**Asudadyr gün-aýy.**

* * *

**Meniň jigim ýatypdyr,**
**Gyrmyzy güle batypdyr,**
**Ulalanda köp okap,**
**Alymlyga ýetipdir.**

* * *

**Meniň jigim ýaşynda,**
**Mele galpak başynda,**
**Dostlary garaşyp dur**
**Derwezäniň daşynda.**

* * *

**Meniň jigim ýaşynda,**
**Ýaşyl sümmen[117] başynda,**
**Agasy ak öý tutanda**
**Deň-duşlary daşynda.[118]**

* * *

**Meniň jigim ýaşynda,**
**Göz monjuk bar başynda,**
**Oýnap öýe gelende**
**Joralary daşynda.**

* * *

**Meniň oglum amaşa,**
**Atyn baglar ak daşa,**
**Beg daýysy ýanynda**

---

**[117] Sümmen – çaganyň kellesine geýdirilýän elde tikilen sopbaş.**
**[118] Bu bendiň: Meniň jigim ýaşynda,**
**Aýly tahýa başynda,**
**Gümmürdedip öý diker,**
**Agalarnyň duşunda – diýen nusgasy-da bar.**

**Ýaşa, balam, köp ýaşa.**

* * *

**Meniň oglum ataly,**
**Saýasynda ýataly,**
**Galyň maly ýetmese,**
**I:njisini sataly.**

* * *

**Meniň oglum atlandy,**
**Atlary kuwwatlandy,**
**Ýüzüne gün düşmez ýaly,**
**Howasy bulutlandy.**

* * *

**Meniň oglum öwmeli,**
**Öň ýakasy düwmeli,**
**Çarbaglykda çakylyk,**
**Saýrap duran käkilik.**

* * *

**Meniň oglum turupdyr,**
**Täze jaýlar gurupdyr,**
**Esgerlige ýetişip,**
**Ýaşyl baýdak geripdir.**

* * *

**Meniň oglum han oglan,**
**Goltugy doly hoz oglan,**
**Köçelerden geçende,**
**Aşyk bolsun gyz oglan.**

* * *

**Meniň oglum ekeri,**
**Gider jülge ýokary,**
**Al bedew, haly horjun**
**Hemme oglandan ýokary.**

* * *

**Meniň oglum enaýy,**
**Geýen geými daraýy,**
**Agzyndan çykan sözler**
**Arzrumyň şeraby.**

* * *

**Meniň oglum ýaşyňda,**
**Oglan-gyzlar daşynda,**
**Bileje oýnan wagty**
**Zer jygalar başynda.**

* * *

**Meniň hanym arbapdyr,**
**Geýen dony zerbapdyr,**

**Gelin yzyndan baranda**
**Syýyndan it garbapdyr.**

* * *

**Meniň erkäm[119] dürdäne,**
**Seper guşuna däne,**
**Gyratyna münende**
**Gyzlar däli-diwana.**

* * *

**Meň ballymyň arçasy,**
**Mawut-begres parçasy,**
**Eneň-ataň gül bolsa**
**Sen içiniň nowçasy.**

* * *

**Meň gyzym aýa meňzär,**
**Nabatly çaýa meňzär,**
**Öz lälemiň toýunda**
**Kakasy baýa meňzär.**

* * *

**Mergen bolup, guş ursaň,**
**Dagdan keýik düşürseň,**
**Düýä ýükläp getirip,**
**Kebap edip bişirseň.**

* * *

**Miweli bag ekiler,**
**Dilinden dür döküler,**
**Seni gören göripler**
**Hine girip bukular.**

* * *

**Münen atyň guş bolsun,**
**Ganaty kümüş bolsun,**
**Her ýerlere gideňde,Erenler ýoldaş bolsun!**

* * *

**Münen aty ýel ýaly,**
**Howaýydyr, balamyň.**
**Geýen dony müň tümen,**
**Daraýydyr, balamyň.**
**Içeni şeker suwy,**
**Şerabydyr, balamyň.**
**Iýeni käkilik eti,**
**Kebabydyr, balamyň.**

* * *

**Münen aty sabaýy,**

---

[119] **Erke – lälik.**

**Geýen dony daraýy,**
**Serpigi sekiz bagly,**
**Gazany guýruk ýagly.**
**Kentde kelçik gepletmez,**
**Sonarda ot otlatmaz,**
**Depede altyn täji,**
**Ýalňyz öýüň mätäji.**

* * *

**Münse myhmana meňzär,**
**Düşse daýhana meňzär,Eline naýza alandaEdermen hana meňzär.**

* * *

**Mäser gyzyň kürtesi,**
**Özi geýip ýyrtasy,**
**Boz atynyň boýnagy,**
**Boýnagy göz oýnagy.**

– N –

**Nabat-nabat diýse bor,**
**Ganda garyp iýse bor,**
**Samarkantdan sawçy gelse,**
**Gymmat baha diýse bor.**

– O –

**Owazyň bilbil sanjak,**
**Saňa söýgüden ýanjak,**
**Altyganat öý dikip,**
**Şondan etjek sallançak.**

* * *

**Owlak geler guzy bilen,**
**Bir-biriniň yzy bilen,**
**Beg oglum oýnap çykar**
**Goňşusynyň gyzy bilen.**

* * *

**Oglan bolan her tüýsli,**
**Dessemmil mazy ysly,**
**Janym bilen söýenim,**
**Adyna Kerim diýenim.**

* * *

**Oglan bolan her tüýsli,**
**Dessembil gawun ysly,**
**Ysyňdan aýlanaýyn,**
**Toýuňda şaýlanaýyn.**

* * *

**Oglan, oglan, oglan şa,**

**Atyň baglama daşa,**
**Özüň gitseň söweşe,**
**Biz göreris tomaşa.**

* * *

**Oglanym oýnar gider,**
**Erkana ýaýnar gider,**
**Ejesi ony söýmese,**
**Gül ýüzün sowar gider.**

* * *

**Oglum ady Ýakupdyr,**
**Daglar bärsin bakypdyr,**
**Ýaryň beren ýüzügni**
**Barmagyna dakypdyr.**

* * *

**Oglum okuw ýaşynda,**
**Zehini bar başynda,Eline kitap alsa,**
**Hemme oglan daşynda.**

* * *

**Oglum on bäş ýaşynda,**
**Silkme telpek başynda,**
**Aýlanyp awa gitse,**
**Kyrk ýigidi daşynda.**

* * *

**Oglum meniň ner bolar,**
**Arslan bolar, şir bolar,**
**Ulalyp, gulluk etse,**
**Uly serkerde bolar.**

* * *

**Oglum okuw ýaşynda,**
**Zehini bar başynda,**
**Eline kitap alanda,**
**Ähli oglan daşynda.**
**Agzy oýmak, burny pisse,**
**Ony ýasan çeper ussa,**
**Ussasyndan uz geldi,**
**Ogul ýerne gyz geldi.**

* * *

**Oglum ýigit çykandyr,**
**Okun-ýaýyn dakandyr,**
**Döşleri gapak kimin**
**Duşmana dik bakandyr.**

* * *

**Ogulbegim owadan,**

**Suw dökülmez nowadan[120],**
**Kejebesin bek daňyň**
**Ýykylmasyn maýadan[121].**

* * *

**Odun içiniň omçasy,**
**Gawun içiniň zamçasy,**
**Ak öýüň inerçesi,**
**Hüwdüläýin ballymy.**

* * *

**Oýnap geler oglanlar,**
**Gülüp geler oglanlar,**
**Ballym öser boý alyp**
**Güni sapaly bolar.**

* * *

**Ok atdym, saýa düşdi,**
**Saýdan sonalar uçdy,**
**Şu janymyň sonasy**
**Gelip howuza düşdi.**

* * *

**Okasyn gülüm meniň,**
**Saýraýan dilim meniň,**
**Okap mugallym bolsa**
**Begendir ballym meniň.**

* * *

**Otursa hana meňzär,**
**Tursa daýhana meňzär,**
**Ulalyp adam bolsa,**
**Iliň derdine ýarar.**

* * *

**Otursyn-a, otursyn,**
**Kädide suw getirsin,**
**Kädiň sapagy üzülsin,**
**Gyzlaň gözi süzülsin.**

* * *

**Oturyp turana gurban,**
**Meýlis gurana gurban,**
**Meýlis gurulýan ýerde**
**Oýnap durana gurban.**

– Ö –

**Öwez janym, haý-haý,**
**Münen aty mele taý,**

---

[120] **Nowa – içine suw dolduryp, mallary suwa ýakmak üçin agaçdan ýa-da daşdan ýasalan süýri gap.**
[121] **Maýa – bugra bilen arwanadan dogan inen düýe.**

**Çykar çynar başyna,**
**Ýygar nöker daşyna.**

* * *

**Öýi öýden ýokary,**
**Özi hanyň nökeri,**
**Handan gelen ýarlykly,**
**Ak öýleri durlukly.**

* * *

**Öýümiň altyn söýesi,**
**Süýji gyzym, alla-huw!**
**Başymyň altyn dogasy,Eziz balam, alla-huw!**

* * *

**Öýüň ak bolsun balam,**
**Iliň dok bolsun balam,**
**Saňa kast eden zalym**
**Sermenip galsyn balam.**

* * *

**Özi ýazdyr oglumyň,**
**Kalby sazdyr oglumyň,**
**Aryp-ýadap gelse-de,**
**Gyşy ýazdyr oglumyň.**

* * *

**Özüm iýmän iýdirenim,**
**Şahyr goýman söýdürenim,**
**Gyrmyzy donlar geýdirenim,**
**Allalaýyn balam seni.**

– R –

**Rejep jan-a atlanar,**
**Atyna ganat beklener,**
**Çalyp guşun alýança,**
**Bedew aty saklanar.**

– S –

**Sag bolanyň bir ýagşy,**
**Haly-palasyň nagşy,**
**Dişiň Gürgen gamyşy,**
**Allalaýyn bal käbäm,**
**Hüwdüläýin men seni.**

* * *

**Saglyk dilän oglanym,**
**Beglik dilän oglanym,**
**Gelnejesine gelip,**
**Ýaglyk dilän oglanym.**

* * *

**Sadaga sadyk bolaýyn,**
**Aşyňa gatyk bolaýyn,**
**Sen gezmäge geleňde**
**Söwüş tutup soýaýyn.**

* * *

**Sadagaň bolaý sawçylar,**
**El boýar boýagçylar,**
**Meň jigime don geti:r**
**Maşat giden yzçylar.**

* * *

**Sadagasy gär owlak,**
**Gurbanlygy gyr owlak,**
**Sadagalar bolanym,**
**Sagdagyny[122] alanym.**

* * *

**Sadagasy gär owlak,**
**Gurbanlygy gär owlak,**
**Daýysy Sahy bagşy,**
**Her heňine bir owlak.**

* * *

**Saýrak guşuň bolaýyn,**
**Sag-soluňda gonaýyn,**
**Daş ýerden myhman gelse,**
**Jylawdaryň bolaýyn.**

* * *

**Sallançaga salaýyn,**
**Kakany Hywa ýollaýyn,**
**Ýagşy gyzyň balasy,**
**Men seni allalaýyn.**

* * *

**Sallançagňy yraýyn,**
**Günde sazyň guraýyn,**
**Seni beren Hudaýdan**
**Uzak ýaşlar diläýin.**

* * *

**Sallançagyň batlydyr,**
**Ejeň gözel, datlydyr,**
**Kakaň gahryman esger**
**Atlary haýbatlydyr.**

* * *

**Sallançagyň batly bolsun,**
**Duluň perizatly bolsun,**

---

**[122] Sagdak – ok salynýan gap, torba.**

**Gapyň bedew atly bolsun,**
**Haýatlaryň zatly bolsun!**

* * *

**Sallançagyň batly bolsun,Eliň gurhan hatly bolsun,**
**Mollada okap gelýäkäň,Erenler-pirler goldasyn.**
**Ýagty dünýäniň ýary,**
**Ýalan dünýäniň bary,**
**Gyzlaryň hyrydary,**
**Gara gözüm, alla-huw!**

* * *

**Sallançagyň bagyndan,**
**Tomaşaly çagyndan,**
**Aýlanyp baga girse,**
**Melewşeli bagyndan.**

* * *

**Sallanyp aýyň gelýär,**
**Bir okara paýyň gelýär,**
**Dagdan aşyp daýzaň gelýär,**
**Gumdan aşyp daýyň gelýär.**

* * *

**Sary gawun paçagy,**
**Ala öýmäniň seçegi,**
**Meniň körpe jigim-ä,**
**Öz öýmüziň goçagy.**

* * *

**Sary geýip sallanan,**
**Gyrmyzy geýip bellenen,**
**Kakasyna «öýer» diýp,**
**Bu balamdyr dillenen.**

* * *

**Sary geýse sallanar,**
**Begres geýse bellener,**
**Bökejen ädik bek basar,**
**Tirme guşak bil gysar.**

* * *

**Sary maýaň sütügi,**
**Ak pamygyň übtügi,**
**Idäp, sorap gelseler,**
**Aşyr mollaň agtygy.**

* * *

**Sary sandyk nä gerek?**
**Sabyn salmaga gerek.**
**Ballym işden gelende,**
**Elini ýuwmaga gerek.**

* * *

**Sarymsagym, soganym,**
**Ýat gyzyndan doganym,**
**Owarram ejeň ýat bolsa,**
**Kakaň meniň doganym.**[123]

* * *

**Saýalaýyn saýaňda,**
**Penalaýyn saýaňda,**
**Ulalyp adam bolup,**
**Sakla meni aýaňda.**

* * *

**Sen arkamyň hopbasy,**
**Şaýly börük gupbasy,**
**Öz bagryma basanym,**
**Öz boýnumdan asanym.**

* * *

**Sen balamyň balasy,**
**Ýaz aýynyň lälesi,**
**Allan etsem men seni,**
**Kakaň kimiň balasy?!**

* * *

**Sen bolsaň besdir maňa,**
**Dünýä dürüsdir maňa,**
**Sen bolmasaň jahanda**
**Dünýä hebesdir**[124] **– maňa.**

* * *

**Sen bir gül sen, läle sen,**
**Sen haçan ulala sen,**
**Sen ullakan bolynçaň,**
**Bagrymy gan edersen.**

* * *

**Sen göwnümiň hoşy sen,**
**Ömrümiň ýoldaşy sen,**
**Durmuşymyň säheri**
**Arzuwlarmyň guşy sen.**

* * *

**Sen-sen meniň geregim,**
**Üzülmeýän ýüregim,**
**Süňk içinde ýiligim,**
**Suw içinde sülügim.**

---

[123] **Bu bendiň: Sarymsagym, soganym,**
**Ýat gyzyndan doganym,**
**Kakaňa janym gurban,**
**Ejeň bolsun haýranyň – diýen nusgasy-da bar.**

[124] **Hebes – ýaramaz, peýdasyz.**

* * *

**Sen-sen meniň senaýym,**
**Sensiz nirä baraýyn,**
**Günden gorar penaýym,**
**Saýaňda men duraýyn.**

* * *

**Seniň köňlüň çag bolsun,**
**Gezeniň çarbag bolsun,**
**Her sapara gideňde**
**Alla saňa ýar bolsun.**

* * *

**Sensiň meniň Mekanym,**
**Gül içinde mekanym,**
**Ile-halka ýarasyn**
**Meň harytly dükanym.**

* * *

**Sensiň meniň senaýym,**
**Gyş günleri penaýym,**
**Sen bolmagan öýlerde**
**Neneň geçer gün-aýym.**

* * *

**Sensiň meniň gün-aýym,**
**Sensiz kaýan[125] baraýyn,**
**Sen gül bolup açylsaň,**
**Men saýaňda duraýyn.**

* * *

**Sen-ä meniň sandygym,**
**Sandyga söýendigim,**
**On bäş ýaşa baraňda**
**Boýuňa guwandygym.**

* * *

**Serdarym berse perman,**
**Agalary gahryman,**
**Meniň balam ulalyp,**
**Bolar örän mähriban,**

* * *

**Sonam-sonam sollarda,**
**Sonam gezer çöllerde,**
**Gara saçy arkasynda,**
**Ýüwrüp gezer köllerde.**

---

[125] **Kaýan — «nirä» – diýen manyda.**

* * *

**Söýdüm jigim Mäligi,**
**Enesiniň läligi,**
**Gara gözüm Kerim jan**
**Peýwent erik şänigi.**

* * *

**Söýüp-söýüp otursam,**
**Söýgülerin ýetirsem,**
**Söýünhan atly obadan**
**Söýgüli gelin getirsem.**[126]

* * *

**Suw başy börek-börek,**
**Böregi bükmek gerek,**
**Eziz balam Döwrana**
**Gül meňizli gyz gerek.**[127]

* * *

**Suw boýunda gamyşy,**
**Dişleri Ürgenç kümüşi,**
**Meň kiçijik balamyň**
**Gant-nabatdyr iýmişi.**

* * *

**Suwda biten suw oty,**
**Durdy janyň suraty,**
**Gezelençden giç gelse,**
**Ejesin horlar gaty.**

* * *

**Suwda biter suw oty,**
**Ballym müner Gyraty,**
**Gyratynyň sekili,**
**Münse oýnar käkili.**

* * *

**Suwlar akar aýlanyp,**
**Gyzlar çykar şaýlanyp,**
**Balam uly toý tutsun**
**Söwer gyzna öýlenip.**

* * *

**Suwlar akar bäbegim,**
**Gül dakynar bäbegim,**

---

[126] **Bu bendiň: Söýüp-söýüp otursam,**
**Hüwdüsini ýetirsem,**
**Daýysynyň ilinden,**
**Şuňa gelin getirsem – diýen nusgasy-da bar.**

[127] **Bu bendiň: Suw başy börek-börek,**
**Böregi bükmek gerek,**
**Eziz balam Merede,**
**Ak maýa dek gyz gerek – diýen nusgasy-da bar.**

**Sallançagyň içinden**
**Gülüp bakar bäbegim.**

* * *

**Süýtden süýji görenim,**
**Süýtden gaýmak süzenim,**
**Aýa-güne bakanym,**
**Adyna Hurma dakanym.**

* * *

**Sürüli goýnuň sütügi,**
**Ak pagtanyň übtügi,**
**Sorap-idäp gelseler,**
**Ýaýlymlaryň agtygy.**

* * *

**Säherler oýanar men,**
**Hudaga ýalbarar men,**
**Seni beren Alladan**
**Uzak ömür dilär men.**

– Ş –

**Şaýy bardyr balamyň,**
**Taýy bardyr balamyň,**
**Gülden näzik golunda**
**Ýaýy bardyr balamyň.**

* * *

**Şahy-aladan topby etsek,**
**Gyrmyzy çitden güpbi etsek,**
**Agasy öýler tutanda**
**Altyn-kümüşden gupba etsek.**

* * *

**Şetdalynyň şänigi,**
**Gül nahalyň gämigi,**
**Atlanyp, derrew tutar**
**Garakçyny, dönügi.**

* * *

**Şetdalynyň şänigi,**
**Beýle ajy bolarmy?**
**Körpe gelin balasy**
**Baldan süýji bolarmy?**

* * *

**Şetdalynyň şänigi,**
**Ajy bolýar iýmäge.**
**Öz doganmyň balasy,**
**Süýji bolýar söýmäge.**

– T –

**Takyrjak çarbag içinde,**
**At oýnadýar, Baýar jan.Ýedi ýeňňe iberip,**
**Gyz saýladýar Baýar jan.**

* * *

**Towşan asma ýanyňa,**
**Galma nähak ganyna,**
**Towşan awlap öldürseň,**
**Gany damar synyňa.**

* * *

**Toý tutsaň, il ýygnansyn,**
**Ataň saňa guwansyn,**
**Naçar eneň daşyňdanÝedi ýola aýlansyn.**

* * *

**Tolkunlaryň galkyşy,**
**Uklap ýatyr Gulkişi,**
**Oýanansoň ukudan**
**Menden alar alkyşy.**

* * *

**Törde gelin şaňňyrdar,**
**Gapyda gyrnak hüňürdär,**
**Mamasynyň dişi ýok**
**Agzy-burny müňňüldär.**

* * *

**Tut başy pudar-pudar,**
**Kölgesi durman gider,**
**Seniň batyr agaňdan**
**Ýamanlar heder eder.**

* * *

**Tutanyň ak öý bolgaý,**
**Ýygnanlaryň toý bolgaý!**
**Her kim saňa kast etse,**
**Mydam başagaý bolgaý!**

– U –

**Uzak ýoly gysgaldyp,**
**Kaka jany gelsedi.**
**Öýmüze nur dolduryp,**
**Toý-tomaşa bolsady.**

* * *

**Uzalsyn, boýuň bolsun,**
**Altyndan öýüň bolsun,**
**Obamyň giň düzündeÝedi gün toýuň bolsun.**

* * *

**Uzyn boýuň gamyşdan,**
**Sakak bagyň kümüşden,**
**Köp süýt sagar enesi**
**Üňüz[128] ýaly gäwmişden.**

* * *

**Uzyn-uzyn arguwan,**
**Balam, boýuňa gurban,**
**Ýatdan ýakyn saýylan,**
**Ýüzüňe tylla çaýylan.**

* * *

**Ukusyndan oýanar,**
**Mahmal kürte geýiner,**
**Enesi ele alsa,**
**Gül dek bolup söýüner.**

* * *

**Ukusyndan oýanar,**
**Tirsegine daýanar,**
**Ulalyp, ýigit çyksa,**
**Ejesi oňa guwanar.**

* * *

**Ullakan toýuň bolsun,**
**Gurbanyň goýun bolsun,**
**Nusaýyň giň düzünde**
**Düzzüm-düzzüm oýnalsyn!**
**Il barysy ýygylsyn.**

* * *

**Uranyň keýik bolsun,**
**Kebabyň şirin bolsun,**
**Awdan gelen wagtyňda**
**Öýüň myhmanly bolsun.**

* * *

**Urmaweriň, ulalsyn,**
**Sökmäweriň, semresin,**
**Dükgül-dükgül ýöresin,**
**Aýagna tiken urmasyn,**
**Gözi gyzyl bihaýaň,**
**Şuňa gözi degmesin.**

* * *

**Uçarlar gökden uçar,**
**Ganatyn ýaýyp uçar,**
**Öz dünýämiň gelini**
**Dilinden dürler seçer.**

---

**[128] Üňüz — köne sudury galan derýanyň ugry.**

– Ü –

**Ülpül-ülpül otaga,**
**Öküz geler ýataga,**
**Ähli obanyň ilaty,**
**Leýli jana sadaga.**

– W –

**Wezir gyzy Gülzada,**
**Begiň gyzy begzada,**
**Gyzyma aşyk bolsun**
**Şanyň ogly şazada.**

– Y –

**Ysy ýagşy ysmanak,**
**Ysmaýyllar ýegeni.**
**Bedew atlar uýany,**
**Begzadalar ýegeni.**

* * *

**Ysyň güllere meňzär,**
**Sesiň bilbile meňzär,**
**Sesiň eşdende gyzlar**
**Däli-porhana meňzär.**

* * *

**Yşgyňda at çapaýyn,**
**Toýuňa çelpek ýapaýyn,**
**Han toýlaryn tutdursam,**
**Altyn gabak[129] atdyrsam.**

– Ý –

**Ýabyň suwy bulançak,**
**Başlyk batyrgaý alçak,**
**Gowaçalar boý alar**
**Şahasy bor sallançak.**

* * *

**Ýagty dünýäniň ýary,**
**Ýalan dünýäniň bary,**
**Gyzlaryň hyrydary**
**Gara gözüm, alla-huw!**

* * *

**Ýagşy sözler dilinde,**
**Gyzyl alma elinde,**
**Balamy gören gyzyň**
**Ýaglyjagy bilinde.**

---

**[129] Altyn gabak – milli oýnuň bir görnüşi. Altyndan ýasalan kiçijik kädini nyşana goýup, şony atyp almak üçin mergenleriň ýaryşy.**

* * *

**Ýagyş ýagar damjalap,**
**Oglum atyn gamçylap,**
**Owadan gyz goýnunda**
**Ýapynjasy boýnunda.**[130]

* * *

**Ýap içinden suw akar,**
**Gyrasyna ot çykar,**
**Seniň işeňňir kakaň**
**Döşüne «Gaýrat» dakar.**

* * *

**Ýarapdyr-a, ýarapdyr,**
**At bakmaga ýarapdyr,**
**At münse hana meňzär,**
**Düşse daýhana meňzär,**
**Ýöräp-ýöräp ugranda,**
**Arzyly hana meňzär.**

* * *

**Ýat, ýanyňda ýataýyn,**
**Mahmal düşek ataýyn,**
**Uklasana bal guzym,**
**Mähriňe mähir gataýyn.**

* * *

**Ýatakda sygyr sagaryn,**
**Aňry dur, bala diýerin,**
**Howlukma, öýde otur**
**Jamyňa süýt guýaryn.**

* * *

**Ýatsam ýanym düşegi,**
**Tursam bilim guşagy,**
**Elimiň altyn halkasy**
**Döşümiň gülýakasy.**[131]

* * *

**Ýatsaň, ýatyrsam jigim,**
**Tursaň, götersem jigim,**
**Ak pamykdan düşekli,**
**Öýme ýaglyk guşakly.**

* * *

**Ýaşlykda baş bolanym,**

---

[130] **Bu bendiň: Ýagyş ýagar, damjalar,**
**Oglum atyn gamçylar,**
**Söýen gyzy goýnunda**
**Ýüň seçekli boýnunda – diýen nusgasy-da bar.**

[131] **Bu bendiň: Ýatsam ýanymyň düşegi,**
**Tursam bilimiň guşagy,**
**Elimiň altyn hasasy,**
**Daşymyň demir galasy – diýen nusgasy-da bar.**

**Öýüne myhman salanym,**
**Ilde halan gyzyny**
**Öz eline alanym.**

* * *

**Ýaşyl baýdak parladyp,**
**Uçaryňy tarladyp,**
**Al-asmanda uç jigim,**
**Asman syryn aç jigim!**

* * *

**Ýeller gelse yranmaz,**
**Siller gelse bulanmaz,Ýel ýanymyň çöwşüsi[132],**
**Yk[133] ýanymyň goňşusy.**

* * *

**Ýowuz günler ýat boldy,**
**Gamly günler şat boldy,**
**Gahryman agalaryň**
**Her işde ussat boldy.**

* * *

**Ýorga atyň derlesin,**
**Döwlet saňa ornasyn,**
**Saňa gelen belalar,**
**Daga-daşa ýaýrasyn.**

* * *

**Ýorga ýabyly ýörişli,**
**Bedew atlar turuşly,**
**Meniň balam Kerim jan,**
**Uzyn boýly gerişli.**

* * *

**Ýorga münüp ýol sorar,**
**Bedew münüp toý sorar,**
**Ýola sygmaz ýogynym,**
**At götermez agyrym.**

* * *

**Ýörjen-ýörjen gadamňa,**
**Gurban bolsun, köçeler.**
**Tiken batsa aýagňa,**
**Derman bolsun, ejeler.**

* * *

**Ýörär bolsam kuwwatym,**
**Uçar bolsam ganatym,**

---

**[132] Çöwşi – türkmen öýüni ýel ýykmazlygy üçin üstaşyr atanaklaýyn geçirilip öýüň iki ýan tarapyndan kakylýan gazyga daňylýan ýüp.**
**[133] Yk – ýel ugry.**

**Öý içinde oýnasaň,**
**Sen bolarsyň kuwwatym.**

* * *

**Ýüzi-Aýyň aýdymy,**
**Ýüregimiň aýdymy,**
**Äleme nur eçiler**
**Halysynyň öýdümi.**

* * *

**Ýüzüne nurlar dökülen,**
**Boýy simden çekilen,**
**Alyn saçy al ýüpek,**
**Depe saçy çil ýüpek.**

* * *

**Ýyl dolanyp, ýyl geler,**
**Meniň oglum ulalar,**
**Şonda edermen bolup,**
**Kosmos taýa ýol salar.**

– Z –

**Zamça gawun gämigi,**
**Peýwent[134] erik şänigi,**

---

[134] **Peýwent etmek – sapmak.**

## HÜWDI SANAWAÇLARY

**Agzy oýmak, burny pisse,**
**Şuny ýasan çeper ussa,**
**Ussasyndan uz geldi,**
**Ogul ýerne gyz geldi,**

* * *

**Aglama, jigim aglama,**
**Şetdaly kakyp bereýin,**
**Şetdalynyň şänigni**
**Boýnuňa dakyp bereýin.**

* * *

**Alla, huwwa etmäge,**
**Keşkä elim boş bolsa.**
**Hopba edip gitmäge,**
**Mamaň öýi daş bolsa.**
**Arzuw-hyýal etmäge,**
**Mele myssyk nan bolsa.**
**Toý-tomguda geýmäge,**

**Daraýydan don bolsa.**
**Ýagda gowrup iýmäge,**
**Gapyrga bilen döş bolsa.**
**Dulda ýygşyryp goýmaga,**
**Çuwal-çuwal mäş bolsa.**

* * *

**Allan-allan al penje,**
**Her gulpagy bir penje,**
**Ýygan oty ýorunja,**
**Iýen gawuny zamça,**
**Ýygan oduny omça,**
**Geýeni ýüpek parça,**
**Basmaz asla garynja.**

* * *

**At gazygy kümüşden,**
**Ýol azygy iýmişden,**
**Üzükleri ülkeden,**
**Durluklary leňkeden[134],**
**Gidene at mündüren,**
**Gelene don geýdiren,**
**Ýola gitse ýorgaly.**
**Üsti çadyr kölgeli.**

* * *

**Atasyna meňzese –**
**Bedew atyň kellesi.**
**Babasyna meňzese –**
**Ýaşyl hasa sellesi.**
**Mamasyna meňzese –**
**Şir garpyzyň pellesi.**
**Daýysyna meňzese –**
**Kesgir gylyç bilbagy.**
**Daýzasyna meňzese –**
**Dürli ýüpek saçbagy.Ýeňňesine meňzese –**
**Daraýy köýnek, gyrmyz don.**
**Ejesine meňzese –**
**Hüýr-perizat balasy.**

* * *

**Atasyna ogşasa –**
**Kesgir gylyç bilbagy.**
**Enesine ogşasa –**
**Merweritdir[134] ýaşmagy.Ýeňňesine ogşasa –**
**Ýüpekdendir saçbagy.**
**Daýysyna ogşasa –**
**Düýrme gylyç bilbagy.**

* * *

**Ballym-ballym adykly,**

**Aýagy gara ädikli,**
**Eli goşa tüýdükli,**
**Tüýdüjegin alalyň,**
**Sandyjaga salalyň,**
**Sandyjagyň gulpy ýok**
**Owadan gyzyň zülpi ýok.**

* * *

**Ballymda bar almalar,**
**Gyzlar görse ýolmalar.**
**Ballymda bar hurmalar,**
**Gyzlar görse burmalar.**

* * *

**Ballymda bar üljeler,**
**Gyzlar görse bürjelär.**
**Ballymda bar pisseler,**
**Gyzlar görse hassalar.**

* * *

**Ballymda bar erikler,**
**Gyzlar görse gereklär.**
**Ballymda bar üzümler,**
**Gyzlar görse düzümlär.**

* * *

**Beýik-beýik köçede,**
**Daýysy bardyr, ballymyň.**
**Uzak-uzak ýollarda,**
**Daýzasy bardyr, ballymyň.**
**Daýysy dagyň goçagy,**
**Daýzasy gülüň seçegi.**

* * *

**Bir şahasy almaly,**
**Alar otyr, mamasy.**
**Bir şahasy gyzyl gül,**
**Güllär otyr, mamasy.**
**Bir şahasy peýwendi,**
**Peýlär otyr, mamasy.**
**Bir şahasy tudana,**
**Tutar otyr, mamasy.**

* * *

**Bosagasy tutdandyr,**
**Tutar otyr, ejesi.**
**Altyn asyk, ysyrga,**
**Asar otyr, ejesi.**
**Söwer ýary gelýänçä,**
**Söýer otyr, ejesi.**
**Söwer ýary gelensoň,**
**Söýüp gider, ejesi.**

* * *

**Bugra[134] ýüki bolarlyk,**
**Bukja gelsin, gyzyma.**
**Iner ýüki bolarlyk,**
**Akja[134] gelsin, gyzyma.**
**Maňgyşlagyň maň goýny[134],**
**Maňlap gelsin, gyzyma.**
**Bugdaýyň ak unundan,**
**Epme[134] gelsin, gyzyma.**

* * *

**Çanakda suw çaýkanmaz,**
**Ýorga[134] geler, gyzyma.**
**Injikleri bir tutam,**
**Bugra geler, gyzyma.**
**Horasanyň ak unundan,**
**Çelpek geler, gyzyma.**
**Maň goýunyň döşünden,**
**Saçak geler, gyzyma.**
**Bedew atyn säkdirip,**
**Gara murtun ykdyryp,**
**Kethuda geler, gyzyma.**
**Arkasyna torba baglan,**
**Juwan geler, gyzyma.**

* * *

**Çapak-çapak elleri,**
**Agyrmasyn gollary,**
**Agasynyň toýunda**
**Çelpek syrsyn elleri[134].**

* * *

**Çapak-çapak elleri,**
**Agyrmasyn gollary,**
**Daýysynyň toýunda**
**Çelpek ýaýar elleri.**

* * *

**Çarygna bak, çarygna,**
**Çaýda kowar, gyzlary.**
**Dolagna bak, dolagna,**
**Dolandyrar, gyzlary.**

* * *

**Çarygnyň bagyna bak,**
**Baglara seýil eder özi.**
**Dolagnyň dolagna bak,**
**Gyzlara meýil eder özi.**

* * *

**Elim etek,**
**Etegim tezek,**
**Baş ýassygym degirmen,**
**Syn düşegim kendirik,**
**Sapy gitmez elimden,**
**Toty[134] gitmez gözümden.**

* * *

**Erikde erik,**
**Göz gaşy gerik,**
**Üzümde üzüm,**
**Bir şirin sözüm,**
**Injirde injir,**
**Dişleri zynjyr,**
**Ballym jan-a sen ýagşy.**

* * *

**Esrik nerler bitimli,**
**Aýrak goçlar tutumly,**
**Ýagyrnylary ýaý boýly,**
**Gerdenleri gez boýly,**
**Ýaşyl köýnek ýaraşar,**
**Deň-duş bilen oýnaşar,**
**Degmäň meniň balama,**
**Gyzlar oňa garaşar.**

* * *

**Goltugy agyr saçakly,**
**Mamasy gelsin, toýuna.**
**Boýny öýme seçekli,**
**Daýzasy gelsin, toýuna.**
**Alagöz, giň gujakly,Ýeňňesi gelsin toýuna.**

* * *

**Göge zyňdym almany,**
**Jigim sürsün «Wolgany»,**
**Öz jigimiň toýunda,**
**– Näme iýjeg-ä, näme geýjek?**
**– Alma bilen nar iýjek.**
**– Ketenini dar geýjek.**
**– Meniň jigim ýar söýjek.**

* * *

**Gözenekden göz görünýär,**
**Göze gurban, ejesi.**
**Pessaý-pessaý un eläp,**
**Külçe iýdir, ejesi.**
**Al-ýaşyldan kürte gurap,**
**Egnine geýdir, ejesi.**
**Deň-duşlarna göz edip**
**Çelpek ýaýdyr, ejesi.**

* * *

**Gözenekden göz görünýär,**
**Gözüne gurban, ejesi.**
**Ak elekde ak un eläp,**
**Pişme bişir, ejesi.**
**Agzy büzmek ak haltadan**
**Teňňe seçer, kakasy.**

* * *

**Güpürdiň, güpürdiň at gelýär,**
**Çykyň gyzlar, kim gelýär,**
**Gyr atyny säpjedip,**
**Gyrmyz donun ykjadyp**
**Annamyrat jan gelýär.**

* * *

**Gyzym-gyzym diýse bor,**
**Bala garyp iýse bor,**
**Ilerden sawçy gelse,**
**Bäş ýüz tümen diýse bor.**
**Bäş köşekli, bäş ýorga,**
**Segsen goýun, bäş maýa.**
**Şulaň biri kem bolsa,**
**Gelmesin biziň oýa,**
**Bakmasyn biziň taýa.**

* * *

**Gyzym gyzlaryň hany,**
**Gyzym tiker tahýany,**
**Gyzyma at dakanyň**
**Bolmaz hatarda sany.**
**Hopba etsem arkama,**
**Düwme daksam ýakaňa,**
**Eger seni söýmeseler,**
**Aýdaýgynyň kakaňa.**

* * *

**Jigim-jigim jigirdek,**
**Ýaga bişen gowurdak,**
**Gowurdagyň dänesi,**
**Algyr guşuň balasy.**[134]

* * *

**Jigim-jigim jigirdek,**
**Ýaga bişen gowurdak,**
**Gowurdagyň dänesi,**
**Gowaçanyň hanasy.**

* * *

**Jigim-jigim jigirdek,**
**Ýaga bişen gowurdak,**
**Elime alyp ýöräýin,**

**Gyrmyzy güle dolaýyn.**

* * *

**Jigim-jigim jigirdek,**
**Ýaga bişen gowurdak,**
**Gowurdagyň dänesi,**
**Söýsün garry enesi.**

* * *

**Jigim jany hopba etsem,**
**Ýüz gyrandan gupba etsem,**
**Ýaşyl-gyzyl mahmaldan**
**Enaýyja güpbi etsem.**

* * *

**Kejebe tartan sary erkek,**
**Sarsdyrmawer, aýymy!**
**Belent pesiň içinde,Ersdirmäwer, aýymy!**

* * *

**Kim urdy, kim kokydy[134],**
**Bazaryň ak nohudy,**
**Eli kesilmiş gozakçy**
**Köýnegin çal dokady.**

* * *

**Maňgyşlagyň maň goýny,**
**Maňlap geler, gyzyma.**
**Asýanyň[134] ak unundan,**
**Çelpek geler, gyzyma.**
**Injikleri bir tutam,**
**Bugra geler, gyzyma.Ýeňňesine ýelmaýa,**
**Heniz azdyr, gyzyma.**
**Gürrüňçisine bil guşak,**
**Heniz azdyr, gyzyma.**
**Sawçysyna bek «duşak»**
**Heniz azdyr, gyzyma.**

* * *

**Meniň ballym handan gelýär,**
**Hanyň bagyndan gelýär,**
**Kisesi kümüş manatly,**
**Ýany gymmat sowgatly,**
**Gülüň seçeginden gelýär,**
**Gözel gujagyndan gelýär.**

* * *

**Meniň balam sarymy,**
**Samarkandyň narymy,**
**Elinde dutar tarymy,**
**Ejesiniň barymy,**

**Samarkantdan sawçy gelse,**
**Synlamaga synçy gelse.**

* * *

**Meniň ballym atlandy,**
**Howasy bulutlandy,**
**Münen aty taý-gulan,**
**Gezen ýeri gök çemen,**
**Çölde keýik oýnatmaz,**
**Suwda gäwmiş ýaýnatmaz.**

* * *

**— Üwwelemen.**
**— Düwwelemen.**
**Gara goýnuň gany bilen,**
**— Daýzam ogly nirä gitdi?**
**— Duza gitdi.**
**— Haçan geler?— Erte geler.**
**— Egniň gys,**
**— Ýola düş, ýorgala,**
**— Garynjany garbala.**[134]

* * *

**Waheý-waheý wahasy,**
**Gyzyl gülüň şahasy,**
**Meň söýgüli balamyň**
**Örän gymmat bahasy.**

* * *

**Waheý-waheý, wahasy,**
**Gyrmyzy gülüň şahasy,**
**Her kim şuny söýmese,**
**Syrtyna tuduň şahasy.**

* * *

**Waheý-waheýler gurban,**
**Akja tokaýlar gurban,**
**Odunda omça gurban,**
**Gawunda zamça gurban,**
**Düýede duluç**[134] **gurban,**
**Daýysy Gylyç gurban,**
**Çanakda aýran gurban,**
**Daýzasy Baýram gurban.**

* * *

**Ýüpek saçym ýüň eden,**
**Meň halymy teň eden,**
**Gündizlermi gije eden,**
**Dillerimi güň eden,**
**Art etegim at edip,**
**Öň etegim gamçy edip,**
**Huwwalar edeýin seni.**

Gara gözüm Kerim jan
Ejesiniň läligi.

* * *

Zyba boýuň gamyşmy?
Ballym, dişiň kümüşmi?
Aýaklaryň eýjejik,
Ýa sen bir uçar guşmy?